TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– AK MERMERLI AŞGABAT ÝURDUMYZYŇ KUWWATYNYŇ ARTÝANDYGYNYŇ, DOWAM EDÝÄN ÖZGERTMELERIŇ ÜSTÜNLIKLERE EÝE BOLÝANDYGYNYŇ NYŞANYDYR. AŞGABAT DÜNÝÄNIŇ IŇ GÖZEL WE HAS OŇAÝLY ŞÄHERLERINIŇ BIRI HÖKMÜNDE ÖZ DEREJESINI BARHA BERKIDÝÄR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN

17-nji noýabr, 2023. Belgisi 46/1560



# AŞGABAT — ÝURDUMYZYŇ ÝÜREGI

***14-nji noýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow dikuçarda paýtagtymyzda we onuň töwereklerinde ýaýbaňlandyrylan işleriň barşy bilen tanyşdy. Döwlet Baştutanymyzyň ýanynda Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň senagat-gurluşyk toplumyna gözegçilik edýän orunbasary B.Annamämmedow boldy.***

Döwlet Baştutanymyz uçuşyň dowamynda paýtagtymyzyň täze gurluşyklarynda hem-de Arkadag şäheriniň çäklerinde ýaýbaňlandyrylan işleriň, Aşgabady durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen özgertmeleriň barşyny synlady. Şunda adamlaryň bagtyýar durmuşyny üpjün etmek, şol sanda amatly ýaşaýyş jaýlaryny gurmak bilen bagly meselelere aýratyn ähmiýet berilýär. Paýtagtymyzda dürli maksatly binalaryň gurluşyklary bilen bir hatarda, şäheriň ýol-ulag düzüminiň desgalarynyň gurluşygyna, olaryň abadanlaşdyrylmagyna hem uly üns berilýär.

Aşgabadyň günbatar böleginde, hususan-da, «Gurtly» we «Köşi» ýaşaýyş toplumlarynyň çäginde otaglarynyň ýerleşişi gowulandyrylan has oňaýly ýaşaýyş jaýlary guruldy. Bu toplumlarda ugurdaş durmuş desgalarynyň bina edilmegine aýratyn üns berildi. Belentlikden şäheriň bu künjeginde ýaýbaňlandyrylan gurluşyk işleriniň gerimi aýdyň görünýär. Häzirki wagtda ýurdumyzyň dürli künjeklerinde we paýtagtymyzda alnyp barylýan gurluşyk işleriniň ýokary hil derejesiniň üpjün edilmegi ugrunda zerur tagallalar edilýär. Desgalaryň öz wagtynda ulanylmaga berilmegi bilen baglanyşykly meseleler hem yzygiderli gözegçilikde saklanylýar.

Döwlet Baştutanymyzyň dikuçary Aşgabadyň günbatar künjegine tarap ugur aldy. Hormatly Prezidentimiz guşuçar belentlikden Büzmeýin etrabynyň çäklerinde gurlan dürli maksatly binalary, häzirki zaman talaplaryna laýyk gelýän ýaşaýyş jaý toplumlaryny we häzirki döwürde gurluşygy batly depginde dowam edýän toplumlarda alnyp barylýan gurluşyk işlerini synlap, olaryň ýokary hil derejesiniň üpjün edilmeginiň wajypdygyna ünsi çekdi.

Soňra hormatly Prezidentimiziň dikuçary Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjyndan we yzygiderli tagallasyndan binýat bolan Arkadag şäheriniň ýokarsynda öwrüm etdi. Häzirki döwürde täze şäheriň gurluşygynyň ikinji tapgyrynyň işlerine badalga berildi. Munuň özi ýurdumyzyň şäherleriniň we obalarynyň köpugurly ösdürilmegi, täze iş orunlarynyň döredilmegi bilen baglanyşykly meselelere döwlet derejesinde ähmiýet berilýändiginiň aýdyň beýanydyr.

Mälim bolşy ýaly, Arkadag şäheriniň hojalyk düzümini mundan beýläk-de ösdürmek, guramaçylyk, dolandyryş babatda amatly şertleri döretmek maksady bilen, şeýle hem Arkadag şäheriniň häkimliginiň towakganamasyny göz öňünde tutup, «Türkmenistanyň dolandyryş-çäk bölünişiginiň meselelerini çözmegiň tertibi hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, täze şäheriň çägini giňeltmek boýunça Karar kabul edildi. Döwlet Baştutanymyz resminamadan gelip çykýan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi ugrunda hemmetaraplaýyn tagalla edilmelidigini belledi we bu babatda wise-premýere degişli düzümler bilen bilelikde iş alyp barmagy tabşyrdy.

Uçuşyň dowamynda hormatly Prezidentimiz türkmen halkynyň beýik geçmişiniň şaýady bolan Parfiýa döwletiniň merkezi Nusaý galasyny synlady. Bu ýerde degişli rejeleýiş işleri yzygiderli alnyp barylýar. Munuň özi türkmen halkynyň taryhyň dowamynda döreden kuwwatly döwletleri baradaky maglumatlaryň geljek nesillere ýetirilmeginde aýratyn ähmiýetlidir.

Giň gerimli täzeçil taslamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegi, saglygy goraýyş ulgamynda öňde goýlan wezipeleri çözmäge toplumlaýyn we oýlanyşykly çemeleşilmegi netijesinde paýtagtymyzda ugurdaş desgalaryň iri toplumy döredildi. Munuň özi döwletimiziň iň ýokary gymmatlygy hökmünde ykrar edilen adamlaryň saglygy baradaky aladanyň ýurdumyzyň syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrülendigini görkezýär.

Hormatly Prezidentimiziň dikuçary häzirki wagtda gurluşygy güýçli depginde dowam edýän Stomatologiýa merkeziniň, Halkara pediatriýa merkeziniň, Halkara fiziologiýa ylmy-kliniki merkeziniň we Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkeziniň ýokarsynda öwrüm etdi. Ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynyň desgalarynyň üstüni ýetirjek täze merkezleriň gurluşygynda milli binagärlik ýörelgeleri bilen häzirki zamanyň ösen tejribesi sazlaşykly utgaşdyrylýar.

Döwlet Baştutanymyz uçuş mahalynda şäheriň çäklerinde alnyp barylýan işleri synlap, ýerine ýetirilýän giň möçberli işlerde Watanymyzyň geljegi hasaplanýan ýaşlaryň döwrebap bilimli we kämil hünärli bolmaklaryna möhüm ähmiýet berilmelidigini nygtady. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer ozal berlen tabşyryklara laýyklykda, häzirki döwürde hereket edýän Çagalar we ýetginjekler köşgüniň, «Güneşli» ady bilen bina ediljek täze merkeziň gurluşygynyň meýilleşdirilendigi barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz täze toplumyň gurluşygyna örän jogapkärli çemeleşmelidigini belläp, onuň bina ediljek ýerini kesgitledi we degişli halkara bäsleşigi yglan etmegiň zerurdygyny aýtdy. Bu merkez Aşgabadyň gözel ýerleriniň birinde, tämiz howaly ajaýyp künjeginde, arassa ekologik gurşawyň jümmüşinde gurlar we çagalaryň durmuşyna şatlyk bagyşlar.

Döwlet Baştutanymyz bu ugurda öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmeginiň ýaşlaryň halal zähmete, netijeli işlere we çeper döredijilige bolan höwesiniň ýokarlanmagynda ähmiýetlidigini belläp, bu ugra degişli binalaryň gurluşygynda çagalaryň zähmet endiklerini ýokarlandyrmaga gönükdirilen düzümleriň döredilmeginiň häzirki döwrüň möhüm wezipesidigini nygtady. Munuň özi şahsyýetiň döwrebap bilimli-terbiýeli we zähmetsöýer bolup ýetişmeginde aýratyn ähmiýetlidir.

Häzirki wagtda ak mermerli Aşgabadyň ähli künjekleri sazlaşykly ösdürilýär. Şunda durmuş ulgamyna degişli desgalaryň, ähli amatlyklary özünde jemleýän ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygyna uly üns berilýär. Şeýlelikde, şäheriň günorta künjegindäki «Parahat» ýaşaýyş toplumynyň çäklerinde şeýle desgalaryň gurluşygy batly depginlerde dowam edýär. 2

## Daşkent sammiti: hyzmatdaşlygyň täze gadamlary




Şu ýylyň 9-njy noýabrynda Daşkent şäherinde geçirilen Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň 16-njy sammiti sebitleýin hyzmatdaşlygyň ajaýyp mysaly, parahatçylygy hem durnukly ösüşi berkitmäge taýynlygyny görkezýän taryhy waka boldy. Türkmenistan özüniň Bitaraplyk ýörelgesine eýerip, halkara guramalary bilen netijeli hyzmatdaşlygy hemmetaraplaýyn giňeldýär. Ýurdumyz halkara gatnaşyklarda işjeň hereket edip, dünýäde parahatçylygy üpjün etmekde anyk başlangyçlary öňe sürýär. Häzirki wagtda döwrüň talaplaryndan ugur alýan köp sanly başlangyçlary, ählumumy gün tertibiniň möhüm meseleleri, ynanyşmak, birek-birege hormat goýmak diplomatiýasyny işjeňleşdirmek boýunça öňe sürýän teklipleri ýurdumyzyň köptaraplaýyn gatnaşyklary parahatçylykly we diplomatik ýol bilen ösdürmek boýunça umumy tagallalara goşýan ägirt uly goşandydyr. 3

## Arkadag şäheriniň binagärlik keşbi



Arkadag şäherine döwlet ähmiýetli şäher diýen aýratyn hukuk ýagdaýynyň berilmegi şäheriň öňünde innowasion ösüşleriň iň häzirki zaman tejribesi hökmünde täze mümkinçilikleri açýar. Bu babatda şähergurluşygynyň aýrylmaz bölegi bolan sanly ulgam, ekologiýa abadançylygy, «ýaşyl» tehnologiýa aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Hut şu aýratynlyklar hem bu şäheri «geljegiň şäheri» adyna eýe edýär.

Arkadag şäheriniň Köpetdagyň etegindäki ajaýyp giňişlikde ýerleşýändigi nazara alnyp, bu ýeriň tebigy gözelligini saklamak üçin «ýaşyl» tehnologiýalara uly ähmiýet berilýär. Bu bolsa sanly ulgamyň mümkinçilikleriniň durmuşa ornaşdyrylmagy bilen bir hatarda, ekologiýa abadançylygynyň üpjün edilmegini hem nazarlaýar. 3

## Gamyşgulak bedewler – halkymyzyň gymmatly hazynasy

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň baý medeni mirasyny, şol sanda atçylyk sungaty bilen bagly bolan gadymy däp-dessurlaryny dikeltmekde, türkmen bedewleriniň şöhratyny artdyrmakda giň gerimli çäreler durmuşa geçirilýär. Şonuň bilen birlikde,



olaryň tohumçylygyny gowulandyrmak, arassa ganlylygyny saklamak, ýyndamlygyny, gözelligini artdyrmak ugrunda uly işler durmuşa geçirilýär. Gamyşgulak bedewlerimiz halkymyzyň gymmatly hazynasydyr. «Atdyr ýigidiň ganaty», «At ýaryşda, är söweşde», «At – ýigidiň ýoldaşy», «Irden tur-da ataňy gör, atańdan soň – atyňy» diýilýän nakyllardyr pähimli sözler hem halkymyzyň gadymy döwürlerden bäri bedewe goýýan uly hormat-sarpasynyň nyşany bolup durýar.

Watanymyzyň okgunly ösýän döwründe halkymyzyň milli buýsanjy bolan ahalteke bedewleriniň dünýädäki şan-şöhratynyň belende göterilýändigine şaýat bolmak diýseň ýakymly. Köpetdagyň dag eteginiň gözel ýerleriniň birinde döwrebap athana toplumy peýda boldy. 2

# HALKARA TEATR FESTIWALY GEÇIRILDI

***14–16-njy noýabr aralygynda Aşgabat we Arkadag şäherlerinde «Bagtyýarlyk döwrüniň teatr sungaty» atly IV halkara festiwaly geçirildi. Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi tarapyndan guralan teatr sungatynyň bu uly baýramy Azerbaýjanyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Russiýa Federasiýasynyň, Täjigistanyň, Özbegistanyň, Türkiýäniň wekiliýetlerini bir ýere jemledi. Olar meşhur drama, sazly, ýaşlar teatrlarynyň döredijilik toparlary hem-de sahna sungaty boýunça hünärmenler we teatry öwrenijilerdir.***

Teatr festiwalynyň açylyş dabarasy gatnaşyjylaryň ählisiniň öz ýurtlarynyň medeni däp-dessurlaryny görkezýän baýramçylyk çykyşlary bilen ýaýbaňlandyryldy. Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş akademiki drama teatrynyň öňündäki özboluşly milli lybaslaryň göllerinde şöhle saçýan meýdançada dabaraly baýramçylyk ýörişi geçirildi. Paýtagtymyzyň teatrlarynyň we Döwlet sirkiniň artistleri köp sanly tomaşaçylar üçin özleriniň ajaýyp sahna çykyşlaryny, akrobatik oýunlaryny taýýarlapdyrlar. Baýramçylyk çäresine gatnaşyjylar milli saz gurallarynda ýaňlanýan sazlary diňlemäge, bu gurallaryň, şaý-sepleriň ýasalyşyny synlamaga mümkinçilik aldylar.

Türkmenistanyň Mollanepes adyndaky talyplar teatrynyň öňündäki meýdançada özboluşly bezelen sahnada Türkmen döwlet medeniýet institutynyň döredijilik topary öz taýýarlan edebi-çeper çykyşynda Magtymguly Pyragy, Mollanepes ýaly nusgawy şahyrlaryň, milli we dünýä dramaturgiýasynyň nusgalyk gahrymanlarynyň keşplerini janlandyrmak arkaly myhmanlary garşylaýarlar.

Soňra dabara Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş akademiki drama teatrynyň binasynda dowam etdi. Onuň zalynda aýdym-sazyň owazy astynda meşhur



türkmen suratkeşleriniň, heýkeltaraşlarynyň, grafikaçylarynyň eserleriniň, şeýle hem Döwlet çeperçilik akademiýasynyň talyplarynyň, sahna bezegçileriniň işleriniň sergisi ýaýbaňlandyryldy.

Teatr zalynda «Bagtyýarlyk döwrüniň teatr sungaty» atly IV halkara festiwalyň resmi açylyş dabarasy geçirildi. Oňa ýurdumyzyň medeniýet ulgamynyň, festiwala gatnaşyjy döwletleriň döredijilik wekiliýetleriniň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylarydyr wekilleri, döredijilik ugurly ýokary hem-de ýöriteleşdirilen orta hünär okuw mekdepleriniň mugallymlarydyr talyp ýaşlary gatnaşdylar.

Hormatly Prezidentimiziň festiwala gatnaşyjylara we ony guraýjylara iberen Gutlagynda halkara festiwallaryň ösüp barýan ýaş nesilleriň dünýä halklarynyň medeniýetleri, häzirki zaman teatr sungaty bilen ýakyndan tanyşmagyna uly ýardam berýändigini, medeniýet, sungat we teatr işgärleriniň gözýetiminiň giňelmegine, iş tejribeleriniň has-da kämilleşmegine öz täsirini ýetirýändigini nygtaýar.

Çäräniň dabaraly böleginden soňra, ýurdumyzyň teatr artistleri we tans toparlary «Türkmeniň ýoly – parahatçylyk, dostluk, doganlyk ýoly» atly edebi-sazly teatrlaşdyrylan sahnany görkezdiler. Soňra ýurdumyzyň medeniýet ulgamynda häzirki döwürde ýetilen sepgitler baradaky wideofilmiň görkezilişi boldy. 2

## «Milliard agaçdan» 41,5 million agaç



**Häzirki wagtda Mongoliýada jemi 452 tokaý nahalhanasy bar. «Geçen döwürde Mongoliýada tokaýçylar we bagbanlar 120-den gowrak pürli, ýaprakly we gyrymsy agaçlaryň 62,9 million nahalyny ösdürip ýetişdirdiler.** 4

## Körpejeler näçe sagat telewizor görmeli?



Çagalaryň ösüşinde telewizoryň uly täsiri bar. 1920-nji ýyllarda oýlanyp tapylan «güýmenje gutusy» soňky ýyllarda kämilleşdirilip, ýokary durulykly dürli görnüşleri döredildi. 5

## 66-njy «Gremmi» baýragynyň dalaşgärleri



**Aýdym-saz äleminiň iň abraýly baýragy hasaplanýan «Gremmi» baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi. 2024-nji ýylyň fewral aýynda gowşuryljak baýraklara Solana Imani Rowe iň köp ugurdan dalaşgär görkezildi.** 6

## Tälimçisini çalşan klublar




Ýewropanyň öňdebaryjy çempionatlarynda möwsümiň üçden biri tamamlanyp barýar. Möwsüm käbir klublar üçin şowly, käbirleri üçin şowsuz geçýär. Garaşylmadyk öňdebaryjylaryň bolşy ýaly, garaşylmadyk ýagdaýda aşaky orunlarda ýaryşy dowam etdirýän klublar hem bar. 7



# AŞGABAT – ÝURDUMYZYŇ ÝÜREGI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Şol bir wagtyň özünde, paýtagtymyzyň ekologik abadançylygynyň üpjün edilmegine gönükdirilip alnyp barylýan işleriň netijesinde döredilýän ýaşaýyş toplumlarynyň desgalary bir bitewi sazlaşygy emele getirýär. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyza «Parahat» ýaşaýyş toplumynda alnyp barylýan işleriň ýagdaýy, ilatyň ýaşaýyş-durmuşyny has-da gowulandyrmak boýunça maksatnamalaryň amala aşyrylyşy hem-de Aşgabadyň şu künjeginde dürli maksatly desgalaryň gurluşygy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň baş şäherinde maksatnamalaýyn özgertmeleriň durmuşa geçirilişiniň depgini bilen tanşyp, durmuş maksatly desgalaryň gurluşygyny dowam etdirmegiň zerurdygyny nygtady. Munuň özi «Döwlet adam üçindir!» diýen şygary baş ýörelge edinýän syýasatyň uly rowaçlyklara beslenýändigini nobatdaky beýanydyr. Paýtagtymyzyň ýaşaýyş toplumlarynda gurulýan desgalar we ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlary aşgabatlylar üçin ajaýyp sowgatdyr. Munuň özi şähergurluşyk strategiýasynda durmuş ugrunyň ileri tutulýandygynyň aýdyň güwäsidir.

# HALKARA TEATR FESTIWALY GEÇIRILDI







**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Dabara festiwala gatnaşýan döwletleriň ýurdumyza gelen döredijilik wekiliýetleriniň çykyşlary bilen dowam etdi. Myhmanlar şeýle duşuşyklaryň milletara döredijilik aragatnaşygynyň ösdürilmegi, medeniýetleriň we özboluşly däp-dessurlaryň özara baýlaşdyrylmagy üçin täze gözýetimleri açýandygy baradaky umumy pikiri biragyzdan makulladylar.

Gözden geçirilişe teatr toparlarynyň iň gowy işlerini getirendikleri bellenildi. Olaryň içinde täze sahna eserleri we tomaşaçylaryň uly söýgüsine mynasyp bolan meşhur spektakllar bar.

Döredijilik forumynyň birinji gününde ýurdumyzyň birbada dört teatrynda görkezilişler boldy. Arkadag şäheriniň Aman Gulmämmedow adyndaky döwlet drama teatry beýik türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň döredijiligine bagyşlap taýýarlan «Köňüller kelamy» atly sahna eserini görkezdi. Şeýle hem Türkmenistanyň Alp Arslan adyndaky milli drama teatrynda Gazagystan Respublikasynyň Biken Rimowa adyndaky Taldykorgan drama teatrynyň «Goragsyzlar güni» atly spektakly sahnalaşdyryldy. Agşam Baş akademiki drama teatrynda köp sanly myhmanlaryň we teatry öwrenijileriň dykgatyna Mahmujon Wahidow adyndaky Täjik döwlet ýaşlar teatrynyň «Watandan uzakda bir gije» atly sahna eseri hödürlenildi. Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky milli sazly drama teatry Özbegistan Respublikasynyň Horezm welaýatynyň sazly drama teatrynyň döredijilik toparyny kabul etdi. Bu ýerde «Şasenem we Garyp» spektakly tomaşaçylara görkezildi.

Festiwalyň ikinji güni hem teatr sahnalaryna baý boldy. Günüň birinji ýarymynda Magtymguly adyndaky milli sazly drama teatrynda Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Galiasgar Kamal adyndaky Tatar döwlet akademiki teatrynyň artistleri «Gelmişek» atly spektaklyny teatr muşdaklaryna ýetirdiler. Şol gün türkmen artistleri we režissýorlary öz sungat ussatlyklaryny açyp görkezdiler. Alp Arslan adyndaky milli drama teatry festiwalda görkezmek üçin Çingiz Aýtmatowyň «Ak gämi» powestiniň esasynda döredilen sahna eserini saýlap aldy. Magtymguly adyndaky milli sazly drama teatrynyň döredijilik topary Gowşutgeldi Daňatarowyň «Leýli we Mejnun» pýesasynyň esasynda «Söýgi hem hasrat» atly sahna eserini tomaşaçylara görkezdi.

Gyrgyz Respublikasynyň Batken welaýatynyň Appaz Žaýnakow adyndaky sazly drama teatrynyň artistleri Arkadag şäheriniň Aman Gulmämmedow adyndaky döwlet drama teatrynda myhmançylykda bolup, onuň sahnasynda «Magtymguly Pyragy» atly sahna eserini görkezdiler.

16-njy noýabrda festiwalyň jemleýji gününde Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş akademiki drama teatrynda «Magtymguly – köňül guşy» atly spektakl görkezildi. Azerbaýjan Respublikasynyň Şuşa döwlet sazly drama teatry Magtymguly adyndaky milli sazly drama teatrynyň sahnasynda «Edelweýs ýa-da sen mydama meniň ýanymda» atly pýesany hödürledi. Forumyň çäklerinde teatr ýolbaşçylarynyň we döredijilik işgärleriniň gatnaşmaklarynda teatr sungatyny ösdürmäge, onuň milli medeniýeti gorap saklamakdaky ähmiýetine, ruhy mirasy geljek nesillere geçirmäge hem-de «Bagtyýarlyk döwrüniň teatr sungaty» atly IV halkara festiwala gatnaşyjy döwletleriň teatrlarynyň arasynda hyzmatdaşlygy ýola goýmaga bagyşlanan iş maslahaty geçirildi.

Şol gün agşamlyk Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş akademiki drama teatrynda festiwalyň jemlerini jemlemek, oňa gatnaşyjylary ýörite diplomlar, tapawutlandyryş nyşanlary we ýadygärlik sowgatlar bilen sylaglamak hem-de çäräniň ýapylyş dabarasy geçirildi.

## Miras – milletiň buýsanjy

Türkmen halkynyň gadymy milli mirasyny gorap saklamakda, ony dünýä ýaýmakda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe uly işler amala aşyrylýar. Şunda ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilýän desgalaryň sanyny artdyrmak boýunça geçirilýän işlere-de uly orun degişlidir. Bu ugurda amala aşyrylýan işleriň rowaçlanmagyna «Milli taryhy-medeni mirasyň obýektlerini aýap saklamagyň, goramagyň, öwrenmegiň hem-de olara syýahatçylary çekmegiň 2022–2028-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda» göz öňünde tutulýan çäreleriň hem täsiri



uludyr. Maksatnamada daşary döwletleriň jahankeşdelerini we içerki syýahatçylary ýurdumyzyň taryhy-medeni hem-de tebigy ýadygärliklerine çekmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Munuň özi ýurdumyzyň syýahatçylyk mümkinçiliklerini halkara derejede mahabatlandyrmaga, türkmeniň medeni mirasyna, taryhy ýadygärliklere dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni çekmäge, bu babatda degişli halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy jebisleşdirmäge, medeni ojaklara daşary ýurtly alymlaryň gyzyklanmalaryny artdyrmaga itergi berýär.

Halkymyzyň keşdeçilik sungaty hem asyrlar aşyp gelen medeni gymmatlyklarymyzyň biri bolup, ol bu gün ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawynda mynasyp orun alýar. Şonuň netijesinde, häzirki döwürde keşdeçilik sungaty türkmeniň milli medeni mirasynyň aýrylmaz bölegi hökmünde barha ösdürilýär, kämilleşdirilýär. Munuň şeýledigini häzirki wagtda köpasyrlyk milli däpleriň dowam etdirilip, türkmen zenanlarynyň ajaýyp keşdeleri, nagyşlary döredýändikleri we olaryň dowamatyny gazanmak üçin ýaş nesillere öwredýändikleri hem görkezýär. Şu ýerde ýene-de bir zada üns çekesimiz gelýär. Dünýäde tehnologiýanyň neneňsi ösendigine garamazdan, el işleriniň gözelligini, berkligini, kämilligini döredip biljek tehnologiýa heniz oýlanyp tapylmady. Şonuň üçin hem olar XXI asyrda-da milli lybaslaryň esasy bezegi, durmuş ulgamynyň aýratynlyklary we amaly-haşam sungatynyň görnükli nusgalary bolmak wezipelerini saklap gelýär.

31-nji oktýabrda paýtagtymyz Aşgabat şäheriniň «Dizaýn» ugry boýunça ÝUNESKO-nyň döredijilik şäherleriniň toruna goşulandygy baradaky hoş habaryň gelip gowuşmagy hem ýokarda aýdylanlaryň aýdyň subutnamasyna öwrüldi. Çünki bu durnukly durmuş-ykdysady ösüşiň strategik bölegi hökmünde halkara medeni gatnaşyklary ösdürmekde diňe bir türkmeniň medeni mirasynyň däl, eýsem, türkmen paýtagtynyň hem hyzmatlarynyň halkara derejede ykrar edilýändigininiň nobatdaky subutnamasydyr. Bu ýagdaý paýtagtymyzyň dünýäniň şäherleri bilen özara gatnaşyklaryny berkitmäge hem-de giňeltmäge, gatnaşyklarda medeni mümkinçilikleriň täze ugurlarynyň emele gelmegine şert döreder.

**Şirin PÜRMÄMMEDOWA,**
*Gökdepe etrabyndaky 2-nji orta mekdebiň mugallymy, medeniýeti öwreniji.*

## Gamyşgulak bedewler – halkymyzyň gymmatly hazynasy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Hasyl toýy gününde Köpetdagyň etegindäki gözel künjekde bina edilen 600 baş ahalteke atlaryny saklamaga niýetlenilen täze, döwrebap athananyň açylyp ulanmaga berilmegi baýramçylyk joşgunyna joşgun goşdy. «Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň buýurmasy esasynda gurlan döwrebap athana Gahryman Arkadagymyzyň ahalteke bedewleriniň dünýädäki şan-şöhratyny belende götermek, olaryň baş sanyny köpeltmek boýunça



başyny başlan işleriniň Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan üstünlikli durmuşa geçirilýändigininiň nobatdaky subutnamasyna öwrüldi.

15,4 gektar meýdany eýeleýän athananyň düzüminde zerur enjamlar we öňdebaryjy tehnologiýalar bilen üpjün edilen binalardyr desgalaryň birnäçesi bar. Olaryň arasynda dolandyryş, weterinariýa binalary, höwür atlaryň, degişlilikde, 40-sy we 60-sy üçin niýetlenen athanalar, ene baýtallar üçin her biri 88 atlyk athanalaryň bäşisi, iým üçin ýapyk ammar we beýleki desgalar bar. Desgalarda öňdebaryjy inženerçilik-tehniki çözgütler hem-de milli binagärligiň ýörelgeleri öz beýanyny tapypdyr.

Ýurdumyzda atşynaslara uly sarpa goýulýar, olar eşretli durmuşyň hözirini görüp ýaşaýarlar, döwrebap şertlerde zähmet çekýärler. Üstümizdäki şanly ýylda Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň, Atçylyk ylmy-önümçilik merkezleriniň açylyş dabaralary geçirildi.

Şeýle hem Arkadagly Serdarymyzyň gatnaşmagynda şu ýyl geçirilen Türkmen bedewiniň milli baýramynyň çäklerinde Ak bugdaý etrabynyň çäginde harby we hukuk goraýjy edaralaryň atçylyk toplumy dabaraly ýagdaýda açylyp ulanmaga berildi.

Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň giň möçberli tagallalarynyň netijesinde ata Watanymyzda bedewlerimiz babatda uly işler amala aşyryldy. Şonda taryhda hemişelik yz galdyran Ýanardag, Polatly, Akhan ýaly bedewleriň atlary ebedileşdirildi, ýurdumyzyň paýtagtynda we welaýatlarda atçylyk sport toplumlary gurlup, ulanylmaga berildi. Mundan başga-da, tejribeli atşynaslara hormatly atlar dakylyp, seýisleriň, çapyksuwarlaryň arasynda halypa-şägirtlik ýörelgelerine giň ýollar açyldy.

Ahalteke bedewlerimiziň şan-şöhratyny ösdürmekde, behişdi bedewlerimiziň halkara derejesindäki abraýyny has-da artdyrmakda hem-de atçylyk pudagy üçin ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamakda nusgalyk işleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun, tutumly işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Merdan ROZYMURADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*




## Dünýä ykdysadyýetine baha berdi

«Fitch Ratings» halkara agentligi global ykdysadyýete baha berdi. Agentligiň soňky çaklamasyna görä dünýä ýurtlarynyň ykdysadyýeti şu ýyl 2,5 göterim öser. Mundan ozal bu görkezijiniň 2,4 göterim boljakdygy bellenilipdi. Agentlik geljek ýyl üçin bolsa ösüş görkezijisini 2,1 göterimden 1,9 göterime düşürdi. 2025-nji ýylda bolsa global ykdysadyýetiň 2,8 göterim ösmegine garaşylýar. Dünýäniň ykdysady taýdan ösen ýurtlarynyň biri bolan Hytaý üstümizdäki ýyl 4,8 göterim, geljek ýyl 4,6 göterim öser.

ABŞ-nyň ykdysadyýeti bolsa, 2 göterim ösüş gazanar. Ozalky çaklamada bu görkezijiniň 1,2 göterim boljakdygy mälim edilipdi. Ýewro sebitinde mundan ozal 0,8 göterim diýlip görkezilen ösüşiň 0,6 göterim boljakdygy aýdyldy. Geljek ýyl sebitiň ykdysadyýetiniň 1,1 göterim ösmegine garaşylýar.

**Azat KASYMOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Arassa energiýa täze iş orunlaryny döreder



Halkara energiýa agentliginiň täzelenen «Nol Emissiýa 2050» atly çaklamasyna görä, arassa energiýa pudagy 2030-njy ýyla çenli 30 million täze iş ornuny döreder. Gazylyp alynýan energiýa serişdeleri pudagynda bolsa, 13 milliona golaý iş orny ýitip biler. Agentligiň iş orny bilen bagly bu maglumatlar sebitler we tehnologik ösüşler göz öňünde tutulyp taýýarlanypdyr. Bellenilişine görä, global energiýa pudagynda iş orunlarynyň sany geçen ýyl 2019-njy ýyldakydan 3,5 million köp bolup, 67 milliona ýetipdir.

Bu döwürde arassa energiýa pudagyndaky iş bilen üpjünçilik 4,7 million artyp, 35 milliona çykypdyr. Gazylyp alynýan energiýa pudagynda bolsa, jemi 32 million töweregi iş orny bolup, bu görkeziji pandemiýadan ozalky sandan 1,3 million az bolupdyr.

Energiýa pudagynda Hytaý iş bilen üpjünçilikde öňdeligi eýeläp, ýurtda bu pudakda zähmet çekýänleriň sany 19,3 million bolupdyr. Bu ugurda ikinji orundaky Hindistanda 8,4 million adam energiýa pudagynda işleýär.

Sebitleýin babatda bolsa, Ýewropada 7,7 million, Demirgazyk Amerikada 7,1 million, Afrikada 4,3 million, Merkezi we Günorta Amerikada 4,2 million, Ýakyn Gündogarda 3,9 million, Ýewraziýada 2,9 million adam energiýa pudagynda işleýär. Gün energiýasy iň köp täze iş ornunyň döredilen ugry bolmagynda galýar.

**Selbi MUHAMMETMYRADOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Uçýan ulag synagdan geçirildi



«Samson Sky» atly amerikan kompaniýasynyň işläp taýýarlan uçýan sport ulagynyň synag sürüşinden geçendigi mälim edildi. «Samson Sky Switchblade» atly ulagdan eýýäm 2 müň 300-den gowragy sargyt edilipdir. Ulag Waşington ştatyndaky «Grant County» halkara howa menzilinde uçuş synagyndan geçirildi. Kompaniýanyň ýolbaşçysy we ulagyň dizaýneri Sem Busfild ulagy işläp taýýarlamak üçin 14 ýyl zähmet çekendiklerini aýdýar.

Ulagyň synag uçuşyny tejribeli uçarman Robert Mohl ýerine ýetiripdir. Mohl ulag bilen 152 metr belentlige galyp, alty minutyň dowamynda birnäçe öwrümler edip ýere gonupdyr.

Uçýan ulag bilen gara ýol arkaly 10 sagatda barylýan ýere 3,5 sagatda barlyp bilinjekdigi bellenilýär. Ýerde hem sürlüp bilinýän bu ulagyň bahasynyň 170 müň dollar boljakdygy çaklanylýar. Ýerde sürlende bu ulag üç tigirli motosikl hasaplanar. «Switchblade» ýerde sagatda 200 kilometr, howada sagatda 322 kilometr tizlik bilen hereket edýär. Ulagyň guýrugy we ganatlary uçuljak wagty çykarylýar, ýerde sürlende ýygnalýar.

**Pena TOÝLYÝEW,**
*Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyby.*




## Halkara awiasiýa sergisi

Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde «Dubai Airshow 2023» atly halkara awiasiýa sergisi geçirilýär. Aýyň 13-ine öz işine başlan bu halkara çäre şu gün öz işini tamamlaýar. Sergä dünýäniň köp ýurdundan awiasiýa, kosmos, syýahatçylyk ýaly ugurlarda iş alyp barýan kompaniýalaryň 1 müň 400-den gowragy gatnaşýar.

Sergä awiasiýa pudagynda iş alyp barýan kompaniýalar hem gatnaşyp, uçar öndürijiler bilen şertnama baglaşýarlar. Iki ýyldan bir gezek geçirilýän çärede adaty uçarlardan başga-da dürli görnüşli uçýan enjamlar hem-de kosmos gämileri, emeli hemralar we aragatnaşyk tilsimatlary görkezilýär. Al-Maktum halkara howa menzilinde geçirilýän sergide dürli ylalaşyklara hem gol çekilýär. Sergide «SunExpress» awiakompaniýasy «Boeing»-den jemi 90 uçar almak barada ylalaşdy.

Şeýle hem Efiopiýa howa ýollary kompaniýasy «Boeing 737 Max 8» uçaryndan 20 sanysyny sargyt etdi. Kompaniýa 11 sany «Boeing 787 Dreamliner» uçaryny almak üçin ylalaşdy. Bu ylalaşyk amerikan kompaniýasynyň Afrikadaky iň gymmat şertnamasy boldy.

**Muratjan JORAKULYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## Iň ýokary tizlikli internet tory guruldy

Hytaýda sekuntdaky tizligi 1,2 terabit bolan internet tory işe girizildi. «Huawei Technologies» hem-de «China Mobile» kompaniýalary tarapyndan Pekin şäherini ýurduň günorta welaýatlary bilen birikdirýän uzynlygy 3 müň kilometre ýetýän internet geçirijisi ulanmaga berildi. Internet geçirijisindäki synaglaryň şu ýylyň iýul aýynda başlanandygy we şondan bäri dürli synaglardan geçirilendigi bellenildi. Şeýle tizlikdäki geçiriji arkaly bir sekuntdan hem az wagtda 150 sany 4K durulygyndaky filmi iberip boljakdygy mälim edildi. «Huawei» kompaniýasy golaýda örän çylşyrymly mikroprosessory bolan 5G telefonyny tanyşdyrypdy.



Şu ýylyň fewral aýynda «Huawei»-iň global bazardaky bäsdeşi «Nokia» Ýewropadaky optiki tor arkaly 118 kilometrlik aralykdan sekuntda 1,2 terabit tizlikde maglumat geçirendigini mälim edipdi. Häzirki wagtda köp ýurduň internet geçirijisi sekuntda 100 gigabit tizliginde işleýär. ABŞ-da bu görkeziji ortaça 400 gigabit/sekunda barabar.

**Aşyr ORAZGULYÝEW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Demir ýol gatnawy görnetin ýokarlandy

Hytaýyň milli demir ýol edarasynyň maglumatlaryna görä, geçen aý otly arkaly amala aşyrylan syýahat rekord derejä ýetipdir. Oktýabr aýynda ýurtda demir ýoldan peýdalanan ýolagçylaryň sany geçen ýylyň degişli döwründäkiden 195,6 göterim ýokary bolup, 351,69 milliona ýetipdir. Şu ýylyň ilkinji on aýynda bolsa, demir ýol ýolagçylarynyň sany geçen ýylyň degişli döwründäkiden 119 göterim ýokary bolup, 3 milliard 28 milliondan geçipdir. Degişli döwürde demir ýol ulaglary arkaly daşalan ýüküň möçberi 4 göterim artyp, 436 million 56 müň tonna ýetipdir.



Ýurtda soňky ýyllarda, esasan hem, ýokary tizlikli demir ýollarynyň gurulmagyna ummasyz maýa goýum gönükdirildi.

**Salyh KURBANGELDIÝEW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Şengen wizasy sanlylaşar

Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşi Şengen wizasynyň sanlylaşdyrylmagy üçin taýýarlanan täze kanunlary kabul etdi. Täze düzgün güýje girenden soňra, pasportlara ýelmenýän wizalar sanlylaşdyrylar we iki ölçegli barkod arkaly internetiň üsti bilen berler. Wiza mobil enjamlara ýüklenip alnar. Diňe ilkinji gezek ýüz tutýanlar, täze pasport alanlar Şengen ýurtlarynyň diplomatik wekilhanalaryna özleri baryp ýüz tutmaly bolarlar. Täze düzgün metbugatda çap edilenden we degişli tehniki işler tamamlanandan soňra güýje girer. Şeýle hem internet arkaly wiza almak üçin birnäçe dilde ýüz tutup bilner.



Şu ýylyň ýanwaryndan başlap Horwatiýa Şengen zolagyna girizilipdi. Şeýlelikde, bu ýurtlaryň sany 27-ä ýetipdi. Bu ýurtlaryň özara serhetlerinde raýatlaryň geçişlerinde pasport we beýleki serhet gözegçiligi amala aşyrylmaýar.

**Bahar AÝDOGDYÝEWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyby.*

## Hindistanda Diwali festiwaly geçirildi

Hindistanda yşyklaryň baýramy hasaplanýan Diwali festiwaly geçirildi. Hindi medeniýetinde bu baýramçylyk ýagşylygyň ýamanlykdan üstün çykmagyny alamatlandyrýar. Ýurtda giňden bellenilýän baýramçylyklaryň biri bolan Diwali güni adamlar öýlerini, dükanlaryny, ybadathanalary we beýleki ýerleri çyralar bilen bezeýärler. Myhmanlary garşy almak üçin bolsa, öýüň girelgesine reňkli tozgalar bilen gülüň nagşyny çekýärler. Şeýle hem toýundan ýasalan şemdanlarda şem ýakylýar. Bu baýramçylykda adamlar täze egin-eşikleri geýnip, dost-ýarlaryna we dogan-garyndaşlaryna sowgat berýärler.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Noýabr aýynyň 17-si, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-112829
Belgisi: 46/1560
Tiražy: 8318
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Ýaşlar baradaky alada – beýik geljegiň binýady

*Ynsan saglygy ähli zatdan belentde goýulýan ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda «Saglyk» döwlet maksatnamasy üstünlikli durmuşa geçirilýär. Parahatçylyk, abadançylyk, raýatlarymyzyň jan saglygy netijesinde döredijilikli zähmet ýurdumyzyň gülläp ösüşini üpjün edýär.*

Häzirki döwürde ynsan saglygynyň islendik jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň netijeli we işjeň häsiýetli wajyp şertleriň biridigini bütin dünýä ykrar edýär. Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda hem talyp ýaşlarymyzyň sagdyn durmuş ýörelgesine wepaly bolmaklary üçin «Saglyk» döwlet maksatnamasyndan gelip çykýan wezipeler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Sport bilen meşgullanmak üçin giň şertler döredilen sport meýdançasynda, sport zalynda hemişe talyp ýaşlar türgenleşik geçýärler, bedenterbiýe maşklary bilen meşgullanýarlar. Çünki, ynsan saglygyny goramakda we berkitmekde bedenterbiýä, spor-



ta möhüm orun degişli. Beden maşklary adamyň aňyna, pikirlenişine, ünsüne we ýatkeşligine oňyn täsir edýär, tutanýerliligi, erki, zähmetsöýerligi, birek-birege bolan oňyn gatnaşyklary, durmuş işjeňligini üpjün edýär. Şeýle hem institutymyzyň talyplary ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň arasynda guralýan sport ýaryşlaryna işjeň gatnaşýarlar. Ýokary okuw mekdebimiziň talyplarynyň okuwdan boş wagtlary sport bilen meşgullanmaklary, islän ugry boýunça bilimini ösdürmekleri üçin dürli gurnaklar hereket edýär. Ýurdumyzda bellenilýän baýramçylyk günlerine we belli senelere bagyşlanan medeni çäreleriň meýilnamasy her ýylyň başynda taýýarlanylýar we guramaçylykly geçirilýär.

Institutymyzyň hünärmenleri ýygy-ýygydan sagdyn durmuş ýörelgesini berjaý etmegiň baş kadalarynyň okuwy we dynç alşy sazlaşykly guramak, fiziki işjeňlik, dogry iýmitlenmek, şahsy arassaçylygy berjaý etmek, taplanmak, agzybir maşgala gatnaşyklary, adamlaryň arasynda ruhy-ahlak gatnaşyklarynyň medeniýeti, zyýanly endiklerden daşda durmak, pasla görä geýinmek ýaly maslahatlar bilen talyplaryň öňünde çykyş edýärler. Gahryman Arkadagymyz «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynda beýan edilýän dermanlyk ösümliklerden taýýarlanan melhem çaýlary yzygiderli içmegi maslahat berýärler. Şeýle hem ynsan saglygyny goramagyň tebigy gurşawyň abat saklanmagyna we onuň abadanlaşdyrylmagyna gönükdirilen çäreler bilen berk baglanyşyklydygy barada aýdyp, ýokary okuw mekdebimizde, umumyýaşaýyş jaýlarynda we köçede özüňi tämiz alyp barmak, munuň özüň hem-de daş-töwerekdäkiler üçin örän ýakymly bolýandygy barada degerli maslahatlary berýärler.

Ýokary okuw mekdebimizde ýurdumyzyň hukuk goraýjy edaralary hem-de sylanylýan parasatly ýaşulularyň gatnaşmagynda maslahatlar geçirilýär. Hukuk goraýjy edaralaryň agzalary ýurdumyzda hereket edýän kanunlar barada, zyýanly endiklerden (çilim çekmekden, nas atmakdan, alkogolly içgileri içmekden) daşda durmak, onuň köp ýagdaýlarda has ýaramaz hereketlere çenli eltýändigi barada dürli mysallaryň üsti bilen täsirli gürrüňler berýärler. Eziz Diýarymyzda sylanylýan parasatly ýaşulular bolsa köçede, ýokary okuw mekdebinde we beýleki jemgyýetçilik ýerlerinde özüňi alyp barmagyň edebi barada, edepli ýaşlaryň hemişe ýolunyň açyk bolýandygy, özlerinden kiçilere görelde bolýandygy barada durmuş mekdebinden alnan täsirli gürrüňler bilen öwüt-ündew edýärler. Şeýle hem ýaşlara hemişe okamagy, sport ýa-da peýdaly zatlar bilen meşgullanmagy, wagtlaryny täsirli geçirmegi, hemişe öwrenmegi maslahat berýärler.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň sportuň dürli görnüşleri bilen içgin meşgullanmagy, ýaşlara bedenterbiýäni we sporty, sagdyn durmuş ýörelgelerini, okamagy, ylym öwrenmegi yzygiderli wagyz etmegi, beden we ruhy taýdan sagdyn nesilleri terbiýelemek üçin edýän ägirt uly aladalary biziň her birimiz üçin nusgalyk görelde mekdebi bolup durýar. Milli Liderimiziň sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmekdäki beýik başlangyçlaryny, türkmen sportuny ösdürmek baradaky çäksiz aladalaryny, külli adamzadyň bähbidine gönükdirilen tutumly işlerini mynasyp dowam etdirýän hormatly Prezidentimiziň alyp barýan döwlet, halk bähbitli işleri rowaç bolsun! Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bedenterbiýäni we sporty, sagdyn durmuş ýörelgelerini yzygiderli wagyz etmegi, beden we ruhy taýdan sagdyn nesilleri terbiýelemek üçin edýän ägirt uly aladalary biziň her birimiz üçin nusgalyk görelde bolup durýar.

Ýaşlaryň saglygy, döwrebap bilim almaklary baradaky aladany döwlet derejesinde ileri tutýan Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak, halk bähbitli, döwlet ähmiýetli tutumly işleri hemişe rowaç bolsun!

**Döwran ANNANEPESOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

# DAŞKENT SAMMITI: HYZMATDAŞLYGYŇ TÄZE GADAMLARY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Hormatly Prezidentimiz sammitde eden çykyşynda ulag ulgamynyň hyzmatdaşlygyň strategik ugry bolup durýandygyny we şeýle bolmagynda-da galýandygyny bellemek bilen, YHG-nyň ýurtlaryna Bilelikdäki ulag-logistika merkezlerini döretmek teklibini öňe sürdi. Onuň esasy wezipesi sebitde ulag merkezlerini döretmek, täze üstaşyr geçelgeleri kemala getirmek we häzir bar bolanlarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, döwletlerimiziň çäginden geçýän halkara ulag ýollarynyň ugrunda gümrük, migrasiýa we beýleki işleri kadalaşdyrmak, sazlaşdyrmak meselelerine garamak bilen bagly bolup biler. Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, Hytaýdan Merkezi Aziýanyň üsti bilen Hazar deňziniň, Pars aýlagynyň we Gara deňziň portlaryna çykmak arkaly multimodal ýük daşalmagyny ýola goýmak meseleleriniň geljekde ara alnyp maslahatlaşylmagy ileri tutulýan ugurlaryň biridir.

Hormatly Prezidentimiz sebitiň ýurtlarynyň ykdysadyýetine aç-açan innowasiýa häsiýetini bermegi we sanly özgertmeleri geçirmegi häzirki döwrüň iň möhüm meselesi hasaplaýandygyny beýan edip, Sanly tehnologiýalar we elektron söwda boýunça YHG-nyň Çarçuwaly Ylalaşygyny işläp taýýarlamagy teklip etdi. Köptaraplaýyn hyzmat-



daşlygy giňeltmek babatda ýurtlarymyzyň eýe bolan mümkinçilikleridir meýilleri hakynda has giňden habardar bolmak üçin anyk maglumatlary, teklipleri, işewürlik taslamalaryny we beýleki zerur maglumatlary öz içine alýan maglumat portalyny döretmek baradaky pikire seretmegi teklip edýäris diýmek bilen, hormatly Prezidentimiz sanly ulgamdaky hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berilmeginiň wajypdygyny mälim etdi.

Hormatly Prezidentimiz energetika ulgamyndaky hyzmatdaşlyk gatnaşyklary barada hem durup geçip, YHG-nyň ýurtlaryna iberilýän tebigy gazyň we elektroenergiýanyň möçberlerini artdyrmaga Türkmenistanyň taýýardygyny belledi.

Hormatly Prezidentimiziň mejlisde eden taryhy çykyşyndan gelip çykýan möhüm wezipeleri iş ýüzünde durmuşa geçirmek ugrunda hem degişli işleriň geçirilýändigini bellemek ýakymlydyr. Şunuň bilen baglylykda, birnäçe möhüm teklipler taýýarlanyp, olaryň esasynda 2024-nji ýylyň birinji çärýeginde Arkadag şäherinde Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň durnukly ösüş boýunça ministrler derejesindäki birinji forumyny geçirmek meýilleşdirilýär. Şeýle hem sebit hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň biri bolan syýahatçylyk ulgamynda hem hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrmak maksady bilen Mary şäherini 2027-nji ýylda «Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň syýahatçylyk paýtagty» diýip yglan etmäge gönükdirilen çäreleri görmek göz öňünde tutulýar. Mary şäheri özüniň taryhy ýadygärlikleri bilen köp sanly ýurtlaryň jahankeşdelerini özüne bendi edýär.

Ýeri gelende bellesek, 1985-nji ýylda Eýran, Pakistan we Türkiýe tarapyndan döredilen bu iri guramanyň agzalygyna 1992-nji ýylda Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň, Gazagystanyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Täjigistanyň hem-de Owganystanyň kabul edilmegi bilen, ol öz gerimini giňeldip, işini has-da ilerletdi. Guramanyň işiniň esasy maksatlary we ugurlary agza döwletleriň ykdysady, tehniki, medeni hyzmatdaşlygyny ösdürmekden, olaryň dünýä ykdysadyýetine yzygiderli utgaşygyny gazanmakdan, sebitiň dünýä söwdasyndaky ornuny artdyrmakdan, şeýle-de ählumumy abadançylygy üpjün etmekden ybaratdyr. YHG-nyň taryhyna ser salsak, geçen 31 ýylyň içinde Türkmenistan guramanyň çäginde sebitara taslamalaryň birnäçesini durmuşa geçirendigini görmek bolýar.

**Ýazmaral WELLEKOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Arkadag şäheriniň binagärlik keşbi

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Taryhy toprakda gurlan Arkadag şäheriniň binagärlik keşbi sungatyň çeper sazlaşygyny emele getirýär. Arkadag şäherindäki dürli pudaklara degişli bolan desgalar binagärlik sungatynyň täze gazananlary bilen bir hatarda, milli mirasymyz, ruhy gymmatlyklarymyz, halkymyzyň köpasyrlyk baý taryhy we medeni däplerini özünde jemleýär. Gurlan her bir desganyň binagärlik taýdan gözelligi, daşky keşbiniň halkymyzyň arzuw-isleglerine kybap gelmegi arhitekturanyň esasy şertidir. Häzirki wagtda bu şäheriň ikinji tapgyryny gurmak işlerine badalga berildi. Şeýle hem şäheriň ýol-ulag düzümini has-da kämilleşdirmek ugrunda tagalla edilýär.

Golaýda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyryp, täze şäheriň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda gurulmagy meýilleşdirilýän dürli maksatly binalaryň şekil taslamalary we bu ýerde alnyp barylýan işler bilen tanyşdy. Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynyň çäklerinde guruljak we durky täzelenjek ulag ýollary, olaryň ýanaşyk ýerleriniň abadanlaşdyrylyşy, Arkadag şäheriniň çägini giňeltmek boýunça meýilleşdirilen işler barada birnäçe tabşyryklar berildi.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň Mejlisiniň kabul eden täze kararyna laýyklykda, Arkadag şäheriniň çägi giňeldildi. Gerimi barha giňeýän ýurdumyzyň ilkinji «akylly» şäherinde döwrebap desgalaryň gurulmagyna aýratyn ähmiýet berilýär. Munda halkara hyzmatdaşlygyna hem uly üns berilýär. Gahryman Arkadagymyz we Arkadagly Gahryman Serdarymyz daşary ýurtlara amala aşyran saparlarynda geçirilýän işewürler maslahatlarynda daşary ýurtly kompaniýalary Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyryna gatnaşmaga çagyrýar.

Milli Liderimiziň nygtaýşy ýaly, täze şäher özüniň ekologik aýratynlyklary bilen hem haýran galdyrýar. Şonuň üçin bu ýerde ekologiýa taýdan arassa önümçiligiň ýola goýulmagy babatda giň tagallalar edilýär. Şeýle hem ýol-ulag düzüminde hereket edýän ulaglaryň hem bu kadalara laýyk gelmegine aýratyn üns berilýär. Şonuň üçin Arkadag şäheriniň häkiminiň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet Germaniýa Federatiw Respublikasyna iberildi. Bu wekiliýet dostlukly ýurtda Arkadag şäheriniň tebigy-howa şertlerine laýyk gelýän ekoulaglaryň aýratynlyklaryny, dünýäniň ösen tejribesini özleşdirmek meselelerini öwrenmek babatda gepleşikler geçirýärler.



Şäherde gurlan we ikinji tapgyrda guruljak ähli binalardyr desgalaryň, ilata hödürlenilýän hyzmatlaryň, ekologik derejesiniň häzirki zamanyň ýokary talaplaryna we halkara tejribelere laýyk gelmegi pugta gözegçilikde saklanýar. Munuň özi ýurdumyzda ekologiýa abadançylygyny üpjün etmek, arassa tebigy gurşawy emele getirmek, döwrebap, iň ýokary durmuş şertlerini döretmek bilen baglanyşykly amala aşyrylýan işleri mundan beýläk-de üstünlikli dowam etdirmäge mümkinçilik berýär.

**Aýgül GELENJÄÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Mawut don

*Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde häzirki döwürde halkymyzyň milliligini ösdürmäge uly ähmiýet berilýär. Pederlerimiziň nesilden-nesle geçiren el işleriniň biri-de halkymyzyň medeniýetini, däp-dessuryny beýan edýän milli egin-eşiklerimizdir. Olaryň birnäçe görnüşi taryhy döwürlerden gözbaş alyp, kämilleşip, milliligini ýitirmän biziň günlerimize gelip ýetdi.*

Halkymyzyň milli egin-eşikleri biçüwleriniň örän sadalygy, jana rahatlygy, owadan, salyhatly görnüşi, reňkleriniň göze ýakymlylygy, keşdeleriniň çeper aýratynlygy bilen tapawutlanýar. Her welaýatda egin-eşikleriň bezeg nagşy ýerli tebigatyň täsiri netijesinde aýry-aýrydyr. Demirgazyk Türkmenistanda ýaşaýan gyz-gelinler örän sünnäläp inçeden owadan keşdeleri gaýapdyrlar. Bu sebitde ýaşaýan zenanlaryň tahýadyr, donlaryna salan nagyşlarynyň ählisi keşdeçiligiň ilme usulynda ýerine ýetirilipdir.



Döwlet muzeýiniň maddy-medeni gymmatlyklar saklanýan gaznasynda mawut donlaryň 10-dan gowrak görnüşi bar. Olaryň daşky görnüşi, reňki birmeňzeş bolsa-da, her biri taýýarlanyş usuly, biçilip-tikilişi we içliginiň hili babatda bir-birinden tapawutlanýar. Bu donlar gyzyl mawutdan ýa-da keçe ýaly tüýjümek gyzyl ýüň matadan tikilipdir. Donlar uzyn we giň, ýeňleri uzyn biçüwde tikilipdir. Donlaryň ýüzi bilen içliginiň arasyna pagta salnyp syralypdyr. Baldyz çäkmenleriň bir görnüşi çyrpylaryňky ýaly ýüzi tutuşlygyna keşdelenip ösümlik nagyşlary bilen bezelipdir. Gyralaryna, ýeňsapysyna «pytda», «guş ganat» nagyşlary salnypdyr. Bu donlaryň gyra nagyşlary beýleki welaýatlarda ýaşaýan zenanlaryň donlaryna garanyňda has inli keşdelenipdir. Ýeňsapylary 28-30-32 santimetr uzynlykda biçilip, owadan «gül» nagyşlar bilen tutuşlygyna keşdelenipdir. Çäkmenleriň beýleki donlardan ýene-de bir tapawudy, bu donlar jübüsiz tikilipdir. Ýagny ýeňsapynyň hasabyna ýeňleriniň uzyn tikilmegi jübiniň ýerini tutupdyr. «Baldyz çäkmen» diýlip atlandyrylýan begres donunyň içliginiň gunduz derisinden tikilen görnüşi hem bar. «Baldyz çäkmen» begres donlary diňe bir egne geýilýän don däl-de, eýsem, başatgyç hökmünde hem ulanylypdyr.

Zenanlaryň eginlerine geýen we başlaryna atynan eginbaşlarynyň aglabasy däp-dessurlar bilen hem berk baglanyşyklydyr. Demirgazyk türkmenistanlylara mahsus toý däp-dessurlarynyň biri-de gelin gelen öýünde, ýigidiň maşgalasyny sowgatlamak däbidir. Onuň manysy öýe ilkinji gadam basan täze gelniň, ýigidiň maşgalasyna bolan sylag-hormatyny aňladýar. Täze gelen gelin baldyzyny tahýa we «baldyz çäkmen» sowgat edýär. Şoňa görä, bu mawut don «baldyz çäkmen» diýlip atlandyrylypdyr.

Türkmen gyz-gelinlerimiziň çeper ellerinden çykan kürteler, çyrpylar, baldyz çäkmen donlary, gyrmyzy çabytlar senetçiligiň naýbaşy keşdeçilik sungatydyr. Şeýle hem enelerimizden gelip ýeten milli mirasymyz biziň buýsanjymyzdyr.

El hünäri bilen nagyşlanan kürtedir çyrpylar, baldyz çäkmenler ýaly türkmen zenanlaryna mahsus bolan eginbaşlar milletimiziň baý topragyny, güllerini, gözelligini, wepadarlygyny, çeperligini nagyşlaryň üsti bilen gürrüň berýän dessandyr. Ösüp gelýän ýaş gyzlarymyza edep-ekramly, ejaply bolmagy, işeňňirligi görkezýän ýol görkezijidir, terbiýe mekdebidir.

Ýaş nesillerimizi milli gymmatlyklarymyz, taryhymyz, tebigatymyz bilen içgin tanyşdyryp, olarda Watana bolan söýgini artdyrmak, ruhubelentlik duýgusyny oýarmak, milli senetçilik sungatlaryny öwrenmekde, ony dowam etdirmekde uly höwes döretmäge ýardam bermekde muzeý işgärleriniň öňünde uly wezipeler durýar. Muzeý gymmatlyklarynyň üsti bilen olary halka ýetirmek bolsa biziň borjumyzdyr.

Milli mirasymyza, sungatymyza, el hünärimize, maddy gymmatlyklarymyza belent sarpa goýýan hormatly Prezidentimize köp sagbolsun aýdýarys.

**Mähri HUDAÝBERDIÝEWA,**
*Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýiniň ylmy-usulyýet bölüminiň müdiriniň orunbasary.*

# Akyldar şahyrymyzyň sarpasy belent

*Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň her bir güni şanly wakalara beslenýär. Şol wakalarda akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna görülýän taýýarlyk bilen bagly çärelere-de uly orun degişlidir.*

Häzirki wagtda beýik şahyrymyzyň ömri we döredijiligine bagyşlanan edebiýat agşamlary, şahyryň şygyrlaryndan çeper okaýyşlar, onuň eserleriniň sergileri guralýar. Ýazyjy-şahyrlar bilen geçirilýän duşuşyklarda akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň gymmatly eserleriniň terbiýeçilik ähmiýeti dogrusynda täsirli söhbet edilýär.

Gahryman Arkadagymyz «Medeniýet halkyň kalbydyr» atly kitabynda şeýle belleýär: «Bu toprakda köp asyrlaryň dowamynda türki halklaryň aňyýetiniň ösüşini kesgitlän «Gorkut ata» we «Görogly» gahrymançylyk şadessanlary döräpdir, beýik akyldar Magtymguly Pyragy we milli edebiýatymyzyň beýleki nusgawy şahyrlary ajaýyp eserleri döredipdirler». Gahryman Arkadagymyzyň eserlerinde pähim-paýhas ummanyna deňelýän dana şahyrymyza şekillendiriş sungatynyň Ý.Gylyjow, Ý.Annanurow, D.Baýramow, A.Almämmedow ýaly ussatlary hem öz döredijiliginden giň orun beripdirler.

Magtymguly Pyragynyň ruhy mirasyna Gahryman Arkadagymyz we Arkadagly Gahryman Serdarymyz aýratyn hormat goýýar. Gahryman Arkadagymyzyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly şygry bolsa akyldar şahyra edebiýat dünýäsinde dikilen ýadygärlikleriň belendidir. Gahryman Arkadagymyzyň «Ynsan kalbynyň öçmejek nury», «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi», «Ömrümiň manysy», «Ömrümiň manysynyň dowamaty», «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýaly ajaýyp eserleri Magtymgulynyň edebi mirasyny, çeper döredijiligini öwrenmekde aýratyn ähmiýetlidir.

Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynda beýan edilýän gymmatly pikirler milletiň mukaddes ruhy hazynasyny şöhlelendirip, nesilleriň ýörelgesine öwrülip galan öwüt-nesihatlar umumadamzat gymmatlyklary bilen utgaşyp gidýär.

Akyldar şahyrymyzyň öwüt-nesihat häsiýetli şygyrlary ýaş nesli mynasyp terbiýelemek baradaky aladalara ýugrulandyr.

***Yzzat, hormat, syn etmegin,***
***Görüm görülmegen ýerde;***
***Akyl bolsaň, söz aýtmagyn***
***Nobat berilmegen ýerde!***

Şahyryň goşgulary nesil terbiýesinde, ýaşlary watançylyk ruhunda terbiýelemekde uly ähmiýete eýe bolup, olarda halal ýaşamak pikiri eriş-argaç bolup geçýär. Magtymgulynyň ýöredýän terbiýeçilik pikirleri biri-birleri bilen sazlaşyp, sepleşip gidýär. Akyldaryň şeýle pikirleriniň biri-de kespkär, hünär öwrenmek meselesi bilen baglanyşyklydyr. Şahyr öz döredijiliginde jemgyýetçilik ähmiýetli meseleleriň hemmesine ýüzlenip, dogry ýoly salgy berýär. Agzybir türkmen döwletini gurmak, oňa guwanmak we buýsanmak, mukaddes topragy, ata Watany söýmek, beýleki halklaryň wekilleri bilen dost-dogan bolup ýaşamak, ata-enäni hormatlamak, ulyny sylamak, kiçini söýmek, mätäje kömek-goldaw bermek, öten-geçenleriň, ata-babalaryň hatyrasyna sadaka bermek, ylymly-bilimli, edepli-ekramly bolmak, ynsanperwerlik, söýgi, ynsan mertebesi, maşgala terbiýesi, sagdyn durmuşy alyp barmak ýaly meseleler şahyryň döredijiliginde esasy orun eýeleýär.

***Magtymguly, dogry söýle,***
***Ömrüň gelip, geçer beýle,***
***Zynhar, ýaşulyňy syla,***
***Baş göre girmesden burun!***

Şahyryň her bir goşgusy halk terbiýesi bilen ýiti baglanyşykly bolup, belent akyl-paýhasy özünde jemleýär. Täze taryhy eýýamda nusgawy şahyryň mertebesi has-da belende göterilýär. Gündogaryň beýik akyldaryny dünýä ýüzi tanaýar. Şahyryň döredijiligi dünýä halklarynda uly gyzyklanma döredip, eserleriniň aglabasy doganlyk halklaryň dillerine terjime edilýär. Beýik söz ussadynyň golýazmalarynyň uly toplumynyň ÝUNESKO-nyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň Halkara sanawyna girizilmegi bilen akyldar şahyryň dünýä ýüzündäki şan-şöhraty öňküden-de artar, çuň many-mazmuna ýugrulan şygyrlarynyň örüsi has-da giňäp, dünýä dillerinde aýdym bolup ýaňlanar.

**Gülnur MERGENOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

# Bedeni gyş paslyna taýýarlamagyň usullary

Gyş paslynda howanyň gyzgynlyk derejesiniň peselip, Güneşli günler azalýar. Bu bolsa ruhy çökgünlige we energiýa ýetmezçiligine getirip bilýär. Gyş paslyny sagdyn geçirmek üçin öňünden, ýagny güýz aýlarynda taýýarlyk işlerine başlamaly. Munuň üçin ilki bilen gün tertibini talabalaýyk ýöretmeli. Her günki işjeňlik we üstünlikler irki maşklardan hem-de gowy ertirlikden başlanýar. Bedeniň taplanmagy hem-de immunitetiň kadaly derejede saklanmagy üçin sport bilen yzygiderli meşgullanmaly. Ýöne howa şertine laýyk geýinmegi ýatdan çykarmaly däl. Şeýle hem türgenleşikden soň bada-bat ýuwunmakdan, suw içmekden saklanmaly. Ertirlik naharyny edinmek adam bedeni üçin zerur bolup, onuň öwezini günüň başga wagtynda dolup bolmaýar. Şol sebäpli ýaltanman ertirlik edinmegi endik etmeli. Irdenki nahar witaminlere we gök önümlere baý bolmaly. Gyşda köplenç ýapyk binalarda wagt geçirilýändigi sebäpli işdä bozulýar. Munuň sebäbi serotonin gormonynyň bölünip çykyşynyň azalmagy bilen düşündirilýär. Keýpiň üýtgäp durmagy hem şunuň bilen bagly bolup, bu ýagdaýyň öňüni almak üçin açyk howada gezelenç etmeli. Gyş paslynda saglyk üçin iň uly howp patogenler, ýagny kesel döredýän mikroblar hasaplanýar. Mikroblar adam bedenine täsir edip, gowşaklyga we dümewlemek ýaly alamatlaryň ýüze çykmagyna sebäp bolýar. Gyşy sagdyn geçirmek üçin güýz aýlaryndan başlap şu düzgünlere üns bermek ýeterlik.

**Miwedir gök önümleri köpräk iýmeli.** Gyş paslyny sagdyn geçirmek üçin güýz aýlarynda ýetişýän miwedir gök önümleri ýeterlik iýip, bedeni zerur bolan witaminler bilen üpjün etmeli. Muňa nar, injir, alma, kiwi ýaly miwelerdir sogan, ysmanak, burç ýaly gök önümleri mysal hökmünde görkezmek bolar.

**Melhem çaýlary içmeli.** Gyşda, esasan hem, C witaminine zerurlyk duýulýar. Munuň öwezini miwedir gök önümler bilen birlikde, melhem çaýlary içmek arkaly dolup bolýar. Dalçyndan, zenjebilden, narpyzdan taýýarlanan çaýa limon hem goşup bilersiňiz. Melhem çaýlary ýokançlyklara garşy göreşmek bilen bir hatarda immuniteti güýçlendirýär, şeýle hem witamin ýetmezçiliginiň öňüni alýar.

**Agramyň artmagynyň öňüni almaly.** Sowuk howa sebäpli içerde köp wagt geçirmek energiýanyň az harçlanmagyna, ýagny hereketsizlige getirýär. Bu ýagdaý yzygiderli dowam edende adam semremek bilen bolýar. Artykmaç agramyň öňüni almak üçin öýde maşklary ýerine ýetirmeli. Galyberse-de, günüň amatly wagty arassa howada gezelenç etmeli.

**Dartgynly ýagdaýlardan gaça durmaly.** Gyş pasly diňe bir fiziki däl, eýsem, psihologik täsirleri hem galdyryp biler. «Bagt» gormony diýlip atlandyrylýan serotininiň bölünip çykyşyny kadalaşdyrmak üçin towuk, hindi towugy, süýt, peýnir, gatyk, ýumurtga, nohut we badam ýaly önümler bilen iýmitlenmeli. Şeýle hem ýadawlygy çykarýan, stresi azaldýan oýundyr güýmenjeler bilen meşgullanmagy ýatdan çykarmaly däl.

**Pasla görä geýinmeli.** Her paslyň özüne mahsus howasy bar. Güýzde howa sowap başlaýar, gyşyna has sowuk bolýar. Howa şertini göz öňünde tutup, öňünden gyş egin-eşikleri taýýarlap goýmaly. Esasan hem, aýagy we kelläni ýyly saklamaga üns bermeli. Sintetik önümlere görä, nah ýa-da ýüňden taýýarlanan örme egin-eşikleri geýmek dürli kesellerden we sowukdan goranmaga ýardam edýär.

**Ogulhan KARAJAÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Iç keselleri boýunça diplomdan soňky taýýarlyk kafedrasynyň mugallymy, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty.*

## DÜNÝÄ HABARLARY
### gysga setirlerde



**Iň baý dalaşgäri mälim etdi.** ABŞ-nyň öňki Prezidenti Donald Tramp 2024-nji ýylda geçjek ýurduň döwlet Baştutanynyň saýlawlarynda iň baý dalaşgär bolup, onuň emlägi 2,6 milliard dollara deňdir. «Forbes» žurnalynyň bu ugurdaky çap eden sanawynda häzirki Prezident Jozef Baýden altynjy orunda ýerleşdi.



**Täze ada peýda boldy.** Ýaponiýanyň kenarynda täze ada peýda boldy. Bu ada Tokionyň 1200 kilometr günortasynda, Iwoto adasynyň kenaryndaky suwasty wulkanyň atylmagy netijesinde emele geldi. Oktýabr aýynda gaty magma deňziň ýüzüne çogup, üýşüp başlady we diametri 100 metre ýetýän gury ýeri emele getirdi.



**Dünýäniň iň uly öküzi.** ABŞ-da Tommi atly 13 ýaşly öküz dünýäniň iň mähnet öküzi diýlip ykrar edildi we Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi. Boýy 1,87 metre deň bolan öküz, Massaçusetsdäki fermada saklanýar. Äpet göwresine garamazdan, Tommi özüni parahat alyp barýar, her gün 13 kilogram iým, 31 kilogram gury ot iýýär we 151 litr suw içýär.



**Maýkl Jeksonyň keltekçesi.** Maýkl Jeksonyň deriden tikilen keltekçesi Londondaky «Propstore» auksionynda 305 müň dollara satyldy. Aýdymçy keltekçäni geýip, 1980-nji ýyllarda gazly suwuň mahabatynda surata düşüpdir. Keltekçe bilen birlikde, XX asyryň beýleki meşhur aýdymçylarynyň we sazandalarynyň birnäçe zatlary auksiona çykaryldy.



**«Titanigiň» menýusy satyldy.** Britan gämisi «Titanik» gark bolmagyndan üç gün öň agşamlyk naharynda hödürlenen tagamlaryň sanawy 83 müň funt sterlinge satyldy. 1912-nji ýylyň 11-nji aprelindäki nahar sanawy Beýik Britaniýanyň Wiltşir graflygynda auksiona çykaryldy. Ol kanadaly taryhçy Len Stiwensonyň şahsy arhiwinden tapylypdyr.



**Ilkinji gezek göz oturtdylar.** ABŞ-nyň lukmanlary adama tutuş bir gözi oturtmak boýunça operasiýa geçirdiler. Operasiýa 21 sagat dowam edip, oňa 140-dan gowrak hirurg gatnaşdy. Hassanyň täze göz bilen görüp biljekdiginiň entek näbellidigi, ýöne saglyk alamatlaryny görkezýändigi bellenilýär.



**Ýerasty ötük ýüze çykaryldy.** Türkiýäniň Kaýseri şäheriniň ýaşaýjysy öz öýünde abatlaýyş işlerini geçirip ýörkä, onuň astynda ýerasty ötügiň bardygyny bilip galdy. Ýaşy 2 müň ýyl töweregi diýlip kesgitlenen ýerasty ötügiň uzynlygy 150-200 metr töweregidir. Öý eýesi ýerli häkimiýetlere bu ýerde gazuw-agtaryş işlerini geçirmäge rugsat berdi.

**Skifleriň piramidasy tapyldy.** Gazagystanda skif-sak döwrüne degişli 3400 ýyllyk piramida tapyldy. Piramida Karagandanyň Şet etrabyndaky bir depäniň üstünde, Taldy derýasyna bakyp duran şekilde gurlupdyr. Radiouglerod barlagynyň netijelerine görä, onuň biziň eýýamymyzdan öňki XIV-XII asyrlara degişlidigi anyklandy.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1869-njy ýylyň 17-nji noýabrynda Müsüriň demirgazyk-gündogarynda Ortaýer deňzi bilen Gyzyl deňzini birleşdirýän Sues kanalynyň açylyş dabarasy geçirilýär. Ýük daşamak üçin niýetlenen bu kanalyň uzynlygy 163 kilometre ýetip, gurluşyk işleri 11 ýyl dowam edýär.**



# ABŞ-nyň we Hytaýyň döwlet Baştutanlary duşuşdy

**11-nji noýabrda ABŞ-nyň San-Fransisko şäherinde Aziýa-Ýuwaş umman ykdysady hyzmatdaşlygy (APEC) forumy öz işine başlady. Daşky gurşawa bagyşlanan hepdeligiň dowamynda dürli derejeli duşuşyklar geçirilýär.**

Şu gün tamamlanýan foruma gatnaşýan agza ýurtlaryň ýolbaşçylarynyň arasynda ikitaraplaýyn duşuşyklar hem geçirildi. Olaryň iň esasysy 15-nji noýabrda ABŞ-nyň hem-de Hytaý Halk Respublikasynyň döwlet Baştutanlarynyň arasynda geçirildi. Ýokary derejeli wekiliýetleriň arasynda geçirilen gepleşikleriň esasy meselesi iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň berkidilmeginden ybarat boldy. Duşuşyklardan öň söz sözlän ABŞ-nyň Prezidenti Baý-



den «Klimatyň üýtgemegi we emeli aň ýaly ýüzbe-ýüz bolunýan global kynçylyklar tagallalarymyzy birleşdirmegi talap edýär» diýip belledi.

Hytaýyň Başlygy Si Szinpin iki ýurduň taryhynyň, medeniýetiniň, sosial ulgamynyň we ösüş ugrunyň tapawutlydygyna ünsi çekip, şol sebäpli garaýyşlaryň tapawutly bolmagynyň adaty zatdygyny, emma iki tarapyň biri-birine hormat goýmagy, parahatçylykly ýaşamagy we iki tarapa bähbitli bolan hyzmatdaşlygy ýola goýmagy maksat edende, bu meseleleriň aradan aýryljakdygyny we uly ýurtlaryň arasynda kadaly gatnaşyklaryň ýola goýlup bilinjekdigini belledi.

Iki ýurduň ýolbaşçylary ikiçäk duşuşykdan soňra metbugatyň öňünde çykyş etdiler.

Prezident Baýden Hytaý bilen möhüm öňegidişlikleriň gazanylandygyna ynanýandygyny aýtdy. Şeýle hem ol iki ýurduň hünärmenleriniň emeli aň bilen bagly töwekgelçilikleri we howpsuzlyk meselelerini maslahatlaşmak üçin duşuşjakdyklaryny belledi.

Hytaýyň Başlygy Si Szinpin ABŞ-Hytaý gatnaşyklarynyň dünýäniň iň ähmiýetli ikitaraplaýyn gatnaşygydygyny belledi. Ol bir ýurduň üstünliginiň, beýleki ýurt üçin mümkinçilikdigini aýtdy.

Sammite Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň 21 ýurdundan döwlet Baştutanlary, ministrlikleriň ýolbaşçylary, hususy pudagyň wekilleri we halkara jemgyýetçilik guramalary gatnaşdy.

Geçen ýylky ýokary derejeli ýygnak Tailandyň paýtagty Bangkokda geçirilipdi.

# PARLAMENT SAÝLAWLARY GEÇIRILER

Portugaliýanyň Prezidenti Marselu Rebelu de Souza 2024-nji ýylyň 10-njy martynda möhletinden öň parlament saýlawlarynyň geçiriljekdigini habar berdi. Bu habar Premýer-ministr Antoniu Koştanyň wezipesinden çekilýändigini mälim edenden soň habar berildi.

Prezident telewideniýede eden ýüzlenmesinde Respublikanyň Assambleýasynyň (bir palataly parlamenti) ýatyrylyp, nobatdan daşary parlament saýlawlarynyň geçiriljekdigini aýtdy. Portugaliýa Respublikasynyň parlamenti 2024-nji ýylyň býujetiniň kanuny taslamasyny 31-nji oktýabrda ilkinji okalyşda tassyklady we gutarnykly ses berişlik 29-njy noýabrda geçiriler.

Prezident Marselu Rebelu de Souza Premýer-ministr wezipesinden çekilen Antoniu Koşta jemgyýetçilik işinde bitiren hyzmatlary üçin minnetdarlyk bildirdi. 2015-nji ýylda häkimiýete gelen Antoniu Koşta birnäçe ykdysady özgerişlikleri amala aşyryp, pensiýa we zähmet haklaryny artdyryp, köpüň söýgüsini gazanypdy.

10 milliondan gowrak ilatly Portugaliýa Respublikasy Pireneý ýarym adasynyň günorta-günbatar böleginde ýerleşýän kontinental Ýewropanyň iň günbatar döwletidir. Bu ýurt demirgazykda we gün-



dogarda Ispaniýa bilen serhetleşýär, günortada we günbatarda Atlantik ummany bilen ýuwulýar. Portugaliýa dünýäniň ösen ýurtlarynyň biri bolup, 1910-njy ýyldan bäri unitar döwletdir. Ýurt 1986-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri Ýewropa Bileleşiginiň agzasy bolup, Şengen we ýewro sebitinde ýerleşýär.

# Ýeke-täk syýahatçylyk wizasy girizildi

Alty arap döwleti 2024-nji ýylda ýeke-täk syýahatçylyk wizasynyň giriziljekdigini mälim etdi. Bu barada «Arabian business» neşiri habar berýär.

Aýlagdaky arap döwletleriniň hyzmatdaşlyk geňeşi «şengen» modeline meňzeş syýahatçylyk wizasyna ýaşyl yşyk ýakmak bilen çynlakaý ädim ätdiler. «Arap şengeni» BAE, Saud Arabystany, Katar, Kuweýt, Oman we Bahreýn döwletleri üçin güýje giriziler.

– Bu ýurtlaryň içeri işler ministrleri tarapyndan tassyklanan täze bitewi syýahatçylyk wizasy Aýlagdaky arap döwletleri üçin uly üstünlikdir – diýip, Aýlagdaky arap döwletleriniň hyzmatdaşlyk geňeşiniň Baş sekretary Jasem Mohamed al-Budaýwi aýtdy.

BAE-niň ykdysadyýet ministri Abdulla bin Tuk al-Mari aýlagda umumy syýahatçylyk wizasynyň girizilmegi netijesinde, sebitdäki syýahatçylygyň özgerdilmegine garaşylýandygyny belläp geçdi.

Bu başlangyç, aýlag ýurtlarynyň arasynda syýahatçylygyň möçberiniň hem-de myhmanhanalaryň dolujylygynyň ýokarlanmagyny höweslendirip, syýahatçylyk pudagynyň jemi içerki önüme goşýan goşandyny artdyrmagy maksat edinýän 2030-njy ýyla çenli Aýlagdaky arap döwletleriniň syýahatçylyk strategiýasyna laýyk gelýär.



Ahyrky maksat, bu aýlagy sebitleýin we halkara syýahatçylar üçin öňdebaryjy global ugur hökmünde öňe sürmekden ybaratdyr. BAE-niň ykdysadyýet ministri bu strategik ädimiň sebitde syýahatçylygyň ösmegine itergi berjekdigini we ýakyn ýyllarda sebit syýahatyny has elýeterli we özüne çekiji etmek üçin niýetlenendigini belledi.

# EMELI AŇ SAMMITI GURALAR

**Geljek ýyl Italiýa G7-niň başlyklygyny öz üstüne alandan soň, emeli aň maslahatyny guramagy meýilleşdirýär. Bu barada ýurduň Premýer-ministri Jorja Meloni habar berdi.**

**– Biziň jemgyýetiň ähli agzalary üçin deň derejede zerur bolan tehnologiýa zerurlygymyz bar – diýip, Jorja Meloni belledi.**

**«Emeli aň indiki ýyl Italiýanyň G7-niň başlyklygyny öz üstüne alýan döwründe esasy mowzuklaryň biri bolar» diýip, Jorja Meloni jemgyýetçilik torunda ýazdy. Geljek ýyl Italiýada emeli aň boýunça guraljak maslahat G7 derejesinde pikir alşyljak ilkinji çäre bolar. Sammitiň takyk senesi we geçiriljek ýeri soň yglan ediler.**



# «Milliard agaçdan» 41,5 million agaç

Häzirki wagtda Mongoliýada jemi 452 tokaý nahalhanasy bar. Bu barada ýurduň Daşky gurşaw we syýahatçylyk ministrligi mälim etdi. «Geçen döwürde Mongoliýada tokaýçylar we bagbanlar 120-den gowrak pürli, ýaprakly we gyrymsy agaçlaryň 62,9 million nahalyny ösdürip ýetişdirdiler. Bu geçen ýyl bilen deňeşdirilende, 5 esse köpdür. Şeýlelik bilen Mongoliýanyň Tokaý hojalygy agentligi, şahsyýetler, kompaniýalar we degişli guramalar ýurduň öz içinde nahal ýetişdirmegiň hötdesinden geldiler» diýlip, resmi beýanatda bellenilýär.

Mongoliýanyň Prezidenti Uhnaagiýn Hurelsuhyň başlangyjy bilen çölleşmäge garşy «Milliard agaç» milli kampaniýasy başlaly bäri, tutuş ýurt boýunça 41,5 million agaç oturdyldy.

2030-njy ýyla çenli, azyndan, 1 milliard agaç ekmek boýunça milli kampaniýa 2021-nji ýylyň oktýabr aýynda resmi taýdan başlandy, şonda Mongoliýanyň Prezidenti Uhnaagiýn Hurelsuh BMG-niň Baş Assambleýasynyň münberinden öz ýurdunyň çölleşmäge we howanyň üýtgemeginiň ýaramaz täsirlerine garşy göreşmek isleýändigini mälim etdi.

Şunuň bilen baglylykda, mongol hökümetiniň 2020-2024-nji ýyllar üçin iş meýilnamasynda tokaýlary dikeltmek we olaryň meýdanyny 9%-e çenli giňeltmek ýaly birnäçe möhüm çäreler bar.



Mongoliýanyň Daşky gurşaw we syýahatçylyk ministrliginiň iň soňky maglumatlaryna görä, häzirki wagtda ýurduň çäginiň, takmynan, 77%-i çölleşmäge we ýerleriň zaýalanmagyna sezewar bolýar.

# Deňziň düýbünden magdan gazyp almakçy

**Norwegiýanyň hökümeti magneziý, kobalt, mis we nikel ýaly elementlere baý bolan Norwegiýanyň kontinental deňiz kenarlarynyň düýbünden magdanlary gazyp almak kararyna geldi. Bu elementler batareýalarda, telefonlarda, elektroulaglarda we ýel turbinalarynda giňden ulanylyp, «ýaşyl» ykdysadyýete geçmekde aýratyn ähmiýete eýedir.**

**Norwegiýa täze deňiz senagatynyň düýbüni tutup, deňziň düýbünden peýdaly magdanlary çykarmagy maksat edinýär. Meýilnama laýyklykda, Norwegiýanyň çäkleriniň dörtden üç bölegine deň bolan Barens we Grenlandiýa deňizlerinde täze ýataklary özleşdirmek göz öňünde tutulýar.**

**Magdan gazyp almak işleri boýunça resmi kararyň geljek ýylyň başynda kabul edilmegine garaşylýar, emma Norwegiýanyň häzirki meýilnamalary Ýewropa Bileleşiginde garşylyk döretdi. Ýewropanyň dürli künjeginden 119 parlament agzasy Stortinge (Norwegiýanyň parlamenti) hat ýazyp, syýasatçylary deňziň düýbünden magdan gazyp almakdan ýüz öwürmäge çagyryş etdi.**

**Bu hatda alymlaryň, daşky gurşaw boýunça guramalaryň we syýasatçylaryň biodürlüligiň ýitmegi we deňziň düýbünden magdan gazylyp alynmagy bilen baglanyşykly howanyň üýtgemeginiň töwekgelçiligi barada duýduryş berilýändigi aýdylýar. Ýewropaly parlamentariler Norwegiýanyň tassyklajak magdan gazyp almak baradaky maksatlarynyň sebitdäki balykçylyga we deňiz ekoulgamlaryna ýaramaz täsir etjekdigi üçin birahat bolýarlar.**



# ILKINJI GEZEK ÝEWROPA KOMPANIÝALARYNYŇ SANAWYNY DÜZDI

ABŞ-nyň iň uly kompaniýalarynyň sanawyny düzýän «Fortune» žurnaly ilkinji gezek Ýewropa kompaniýalarynyň sanawyny düzdi. Oňa sebitiň 24 ýurdy girdi. Ýewropa boýunça «Fortune 500» sanawynyň umumy girdejisi 13,9 trillion dollara deň bolup, bu Germaniýanyň jemi içerki önüminden 3,5 esse köpdür. Deňeşdirmek üçin: ABŞ-nyň «Fortune 500» sanawynyň umumy girdejisi 18,1 trillion dollar. Dünýä ýurtlarynyň iri kompaniýalarynyň sanawy bolan «Fortune Global 500»-iň girdejisi bolsa, 41 trillion dollara barabar.

– Ýewropa korporasiýalary geçen maliýe ýylynda dünýäde bolup geçýän wakalaryň energiýa bahalaryna ýetirýän täsiri sebäpli birnäçe kynçylygy ýeňip geçmeli boldy – diýip, «Fortune» sanawynyň redaktory Skott DeKarlo belleýär.

Soňky döwürde ykdysady ösüşiň peselendigi baradaky habarlara garamazdan, Germaniýa girdejili biznes üçin Ýewropanyň iň uly merkezi bolmagynda galýar: sanawa Germaniýanyň 80 kompaniýasy girdi, ilkinji üçlüginde «Volkswagen» we «Uniper» bar. Russiýanyň «Gazprom»-y dürli päsgelçiliklere garamazdan henizem Ýewropanyň iň gowy 10 kompaniýalarynyň biri bolup, sekizinji orunda durýar.

Energiýanyň bahasynyň ýokarlanmagyna we üpjünçiligiň çäkli bolmagyna sebäp bolan global dartgynlylyk şertlerinde bu pudakdaky iň uly kompaniýalar öz girdejilerini artdyryp, sanawda birinji orny eýelediler: britan energiýa ägirdi «Shell» 2022-nji ýylda ýyllyk 381 million dollar girdejisi bilen Ýewropanyň iň uly kompaniýasy bolup durýar. Beýleki energiýa kompaniýalarynyň arasynda Fransiýanyň «TotalEnergies», Beýik Britaniýanyň BP we yklymyň iň gymmatly 10 kompaniýasyny jemleýän «Electricité de France» bar.

2023-nji ýylda «Fortune 500 Europe» sanawynyň iň gowy 10 kompaniýasy şulardan ybarat: «Shell»



(Beýik Britaniýa), «Volkswagen» (Germaniýa), «Uniper» (Germaniýa), «TotalEnergies» (Fransiýa), «Glencore» (Şweýsariýa), BP (Beýik Britaniýa), «Stellantis» (Niderlandlar), «Gazprom» (Russiýa), «Mersedes-Benz» (Germaniýa) we «Electricité de France» (Fransiýa).

Bu sanawda maliýe kompaniýalary has pes orny eýeleseler-de, olar heniz hem gerimini saklap, oňa 84 kompaniýa girdi. Energetika we maliýe pudaklaryndan başga-da, Ýewropanyň 500 iri kompaniýasynyň sanawyna gurluşyk (30), azyk (27) we bölek satuw (25) pudaklary hem girýär.

Germaniýadan soň, «Fortune 500» sanawynda iň köp wekilçilik edilýän ýurt Beýik Britaniýa: onda sanawyň umumy girdejisiniň 15%-den gowragyny eýeleýän 76 kompaniýa bar. Sanawda görkezilen britan kompaniýalary: «Tesco» (34), «BT Group» (152), «Diageo» (188), «Marks & Spencer» (255), «John Lewis Partnership» (274) we «BBC Group» (436). Beýik Britaniýa we Germaniýadan soň Fransiýa gelýär: sanawda 71 fransuz kompaniýasy, 37 niderland we 36 şweýsar kompaniýasy bar. Sanawa giren kompaniýalaryň köpüsiniň ortaça 108 ýaşy bar. Sanawdaky iň köne kompaniýa 1366-njy ýylda Germaniýada esaslandyrylan «Anheuser-Busch InBev» kompaniýasydyr.

# KÖRPEJELER NÄÇE SAGAT TELEWIZOR GÖRMELI?

Çagalaryň ösüşinde telewizoryň uly täsiri bar. 1920-nji ýyllarda oýlanyp tapylan «güýmenje gutusy» soňky ýyllarda tehnologik amallar bilen kämilleşdirilip, telewizoryň ýokary durulykly dürli görnüşleri döredildi. Uly ekranly, ýokary durulykly telewizorlar körpejeleri has-da özüne çekýär. Çagalaryň bilimlerini artdyrmakda, dünýägaraýşyny giňeltmekde we täze zatlary öwrenmekde telewizor görmegiň ähmiýetiniň bardygyna garamazdan, uzak wagtlap bu enjamyň garşysynda oturmagyň zyýany hem bar. Diňe bir telewizor däl, eýsem, telefon, planşet, kompýuter ýaly beýleki enjamlaryň ekranyna uzak wagtlap seretmek çagalaryň ösüşine oňaýsyz täsir edýär. Ýaýlyma hödürlenýän gepleşiklerden bilime, dil we täze zatlary öwrenmäge degişli gepleşikler çagalaryň sagdyn we aň-düşünjeli ösüşi üçin ähmiýetlidir. Ýaýlyma goýberilýän animasiýalardan gysga wagtlyk, öwredijilik ähmiýeti bolan multfilmlere tomaşa etmek çagalaryň gözýetimini giňeltmekde, täze zatlary



öwretmekde peýdalydyr. Uzak wagtlyk gepleşikler ýa-da multfilmler çagalaryň okamagyna, öwrenmegine, okuw çärelerine, maşk etmegine ýaramaz täsir edip biler. Hatda körpejeler telewizora güýmenip, wagtly-wagtynda naharlanmakdan we uklamakdan hem ýüz öwrüp bilerler.

### Bilermenler ata-enelere körpejeleriň iň ýakyn dostuna öwrülen telewizora tomaşa etmegiň wagtyna gözegçilik etmegi maslahat berýärler.



☑ 2 ýaşamadyk çagalara telewizor görkezmek hiç hili maslahat berilmeýär. 2 ýaşdan uly çagalar üçin telewizora seretmegiň wagty her gün 1-2 sagatdan köp bolmaly däl.

☑ Çagaňyza nahar iýilýän wagty ýa-da ýatmazdan öň telewizor görmäge rugsat bermäň! Şeýle hem ýatylýan otagda telewizor ýa-da kompýuter bolmaly däl.

☑ Çagaňyzyň ýaýlymdaky haýsy gepleşigi görüp biljekdigini meýilleşdiriň! Çagaňyzyň tomaşa etjek gepleşigini ýa-da multfilmini özüňiz saýlaň! Oýlap tapyşlar, täze açyşlar, okuw we taryh bilen bagly gepleşikleri saýlamak çagaňyzyň ösüşi üçin ähmiýetlidir. Çagalaryň bir günde görmeli gepleşikleri ikiden köp bolmaly däl.

☑ Gepleşige çagaňyz bilen bilelikde tomaşa ediň! Soňra gepleşikde aýdylan ýa-da bolup geçen zatlar barada çagaňyz bilen gürrüň ediň! Nämeleri öwrenendigini, gepleşigiň täsirini we düşünmeýän zatlaryny soraň! Gepleşiklere bilelikde tomaşa etmek hem-de sorag-jogap alyşmak çagalaryň ösüşi üçin örän ähmiýetlidir.

☑ Çagaňyzyň günüň dowamynda görkezilýän multfilmleriň hemmesine tomaşa etmegine rugsat bermäň! Ýönekeý we biziň medeniýetimize kybap gelýän multfilmler çagalara has ýakyn bolup, taryh, däp-dessur, millilik bilen bagly birnäçe zatlary öwrenip bilerler.

☑ Ekranyň başynda uzak wagtlap oturmak hereketsizlige we ýaltalyga getirýär. Şeýle hem çagalarda ünsi jemlemekde kynçylyklar ýüze çykýar. Bilermenler uzak wagtlap telewizora seredýän çagalarda uklap bilmezlik, semizlik, stres ýaly alamatlaryň has ýygy duş gelýändigini belleýärler.

☑ Çagalaryň ululardan görelde alýandyklaryny nazara almak bilen, özüňiz hem telewizora tomaşa etmegiň, ekranly enjamlara güýmenmegiň wagtyny çäklendiriň! Muňa derek çagalaryňyz bilen öýde ýa-da daşarda oýnamaga, maşk etmäge hem-de gezelenç etmäge wagt aýryň!

# BAZELE BIR GÜNLÜK SYÝAHAT



Şweýsariýa diýlende, ilki bilen, Alp daglary, Haýdi eseri, nusgawy sagatlar we şokoladyň dürli görnüşleri ýadyňa düşýär. Ululy-kiçili 185 şäheri bolan bu ýurduň demirgazyk-günbataryndaky Bazel taryhy binalary bilen tapawutlanýar. Ýewropanyň merkezinde ýerleşýän Bazel şäherlere ýakyn meşhur şäher hökmünde tanalýar. 170 müň ilatly Bazel Şweýsariýanyň üçünji uly şäheri bolup (23,85 inedördül kilometr), Fransiýanyň Mýuluz, Germaniýanyň Freýburg şäherleri bilen araçäkleşýär. Täsin ýeri, şäheriň howa menzili goňşy ýurduň Mýuluz şäherinde ýerleşýär. Bazele barmak üçin ilki Fransiýa uçup, soňra awtobus bilen 30-40 minut ýöremeli. Syýahatçylygyň «Alsace» (Ýewropanyň medeni sebiti) akymyna girýän Bazel «Art Bazel» sungat çäreleri bilen köpçüligi özüne çekýär. Sungat şäherinde syýahatçylarda ýatdan çykmajak täsirleri galdyrýan birnäçe ýer bar.

**MARKTPLATZ.** Bazeliň merkezi bolan Marktplatz (bazar meýdançasy) şäheriň ýerli häkimiýetiniň öňünde ýerleşýär. Bu meýdançada her şenbe güni göçme bazar guralýar. Aýlanmagy gowy görýän syýahatçylar bazarda hezil edýärler. Marktplatz iki köçäniň arasynda uzalyp gidýän gönüburçly meýdançany emele getirýär. Bu ýerde köçe tagamlaryny dadyp görmekden başga, kofe içip, kiçijik stollarda dynç alyp bolýar. Şeýle hem şäherde «Za Zaa» restoranlar zynjyrynyň islendiginde naharlanyp bolýar. Sagat halaýanlar üçin bu ýerde şweýsar sagatlarynyň nusgawy markalary satylýar.

**RATHAUS.** Bazelde baryp görmeli ýerleriň sanawynda «gyzyl bina» ady bilen tanalýan Rathaus hem bar. Şäheriň ýerli häkimiýetiniň ýerleşýän bu binasy 1514-nji ýylda gurlupdyr. Reňkli şekilleri, uzyn diňi, gümmezden girilýän gönüburç howlusy syýahatçylarda ýatdan çykmajak täsirleri galdyrýar.

**KUNSTMUZEÝ.** Bazeldäki meşhur hem-de köp syýahat edilýän ýerleriň biri hem Kunstmuzeý şekillendiriş sungaty muzeýidir. XV asyra degişli muzeýde taryhy eserler bilen bir hatarda, Wan Goguň, Pikassonyň onlarça kartinalary saklanýar. Mundan başga-da, şäherde sungat muzeýleriniň, galereýalaryň birnäçesi bar.

**MITTLERE.** Reýn derýasynyň üstünde gurlan Mittlere köprüsi şäheri ikä bölýär. Şäheriň täsirli görnüşini hödürleýän bu köpri 1225-nji ýylda gurlupdyr. Tomus aýlarynda derýada gämili gezelençler has işjeňleşip, beýleki möwsümlerde derýanyň ýakasynda dynç alýan, gezelenç edýän adamlary görmek bolýar.

**ŞPALENTOR.** XIV asyra degişli şäher galasyndan galan Şpalentor derwezesi Bazeliň nyşany hasaplanýar. Marktplatzdan ýola çykyp, reňkli köçelerden ýöräp, 10 minutda şäheriň iň köp surata düşülýän ýeri bolan Şpalentora baryp bolýar. Derwezäniň gapdalynda gezelenç etmek üçin botanika bagy hem bar. Şäherdäki gezelenç Şpalentor derwezesinde tamamlanýar.

# Bir çemçe ýeterlik

Howanyň sowamagy bilen duçar bolunýan bokurdak agyrysynyň öňüni almak üçin birnäçe usullar teklip edilýär. Bokurdak agyrysy wiruslar, bakterial ýokançlyklar we beýleki daşarky täsirler sebäpli ýüze çykýar. Lukmanlar bokurdagyň guramagynyň we gyjynmanyň öňüni almak üçin ýygy-ýygydan suw içmegiň wajypdygyny belleýärler. Şeýle hem bokurdak agyrysynda irden 1 çaý çemçesi iýip boljak melhem maslahat berilýär. Bokurdak agyrysyna peýdaly bu melhemi taýýarlamak üçin bal, zenjebil (imbir) we limon gerek. 1,5 nahar çemçesi zenjebil külkesiniň ýa-da dilimlenen ter zenjebiliň üstüne 1 käse bal guýmaly. Soňra limony ikä bölüp, balyň üstüne sykmaly. Melhemi mazaly garyşdyryp,



30 minut goýmaly. Melhem taýýar bolandan soň ony çyg çekmeýän, salkyn ýerde saklap, her gün 1 çaý çemçesi iýmeli. Melhemi islegiňize görä, irden ýa-da agşam iýip bilersiňiz. Ýöne 1 çaý çemçesinden köp iýilse, aşgazan agyrysyna sebäp bolup biler.

Eger-de ýiti tagamly melhemi iýmekde kynçylyk çekýän bolsaňyz, melhem çaýyny hem taýýarlap bilersiňiz. Munuň üçin islege görä, kiçiräk çaýnege ýa-da agzy gapakly bulgura gaýnan suw guýup, içine 3-4 dilim zenjebil atmaly. Gapagyny ýapyp, 10 minut demine goýmaly. Soňra 2 dilim limon we 1 nahar çemçesi bal goşmaly. Zenjebil çaýy üsgülewük, sowuklama we bokurdak agyrysyna peýdaly tebigy içimlikleriň biridir.

Witaminleriň, minerallaryň çeşmesi bolan zenjebil melhemi immuniteti güýçlendirip, wiruslara garşy göreşmäge ýardam edýär. Zenjebil melhemini dowamly iýmek maslahat berilmeýär.

## ÇAGALAR

✓ Futbolçylaryň köpüsi bir oýnuň dowamynda ortaça 11 kilometr ylgaýarlar.

# AÝAKGABY NÄHILI ARASSALAMALY?

**Ýagnyň ýagmagy bilen ýollarda gum garyndyly hapalar emele gelýär. Şeýle howa şertlerinde aýakgabymyz hapalanyp bilýär. Köwşüňi wagtly-wagtynda arassalap durmak hem adamy salyhatly görkezýär, hem-de aýakgap uzak wagtlap tozmaýar. Aýakgabymyzy arassalanymyzda köplenç ululardan kömek soraýarys. Ýöne muny özüňiz hem ýerine ýetirip bilersiňiz. Eýsem, aýakgaby arassalanyňda nämelere üns bermeli? Köwşüňi arassalamagyň aňsat ýollary barmy? Geliň, köwüşdäki hapalary aýyrmagyň käbir usullaryny öwreneliň!**





**Okuw aýakgaby.** Aýakgaby arassalamak üçin ilki onuň materialyna üns bermeli. Eger köwşüňiz deriden bolsa, ilki çotga bilen tozanyny aýyrmaly. Ýyly suwa biraz ýuwujy serişde goşup, köpürjik etmeli. Soňra köpürjikli suwa esgini ölläp, aýakgapdaky tegmillere sürtüp çykmaly. Tegmiller ýumşandan soňra, gury esgi bilen köwşi süpürmeli. Köwşi guratman, bada-bat geýmek maslahat berilmeýär. Köwşüň çalt guramagy üçin içine mata bölegini goýup bilersiňiz. Şeýle hem köwşüňizi ýel çalýan açyk howada goýup bilersiňiz. Gün şöhlesiniň düşýän ýerinde ýa-da ýyladyjy enjamlaryň öňünde aýakgaby goýmak bolmaýar. Şeýle ýagdaýda köwşüňiz çalt zaýalanar.

Eger aýakgabyňyz palçyk bolsa, aşagyna kagyz goýup, ýylyrak ýerde goýmaly. Soňra çotga bilen guran palçygy syryp, tozanyny aýyrmaly. Köpürjikli suwa esgini ölläp, tegmillerini ýuwandan soň, guraýança garaşmaly. Soňra köwşe krem sürtüp, çotgalamaly. Aýakgabyňyz ýalpyldandan soňra ýylyrak ýerde goýmaly.

**Sport aýakgaby.** Hapa köwşi geýmek saglyk üçin zyýanly. Esasan hem, sport aýakgaplary çalt hapalanýar. Sport aýakgaplaryny hiline baglylykda dürli usullar bilen arassalap bilersiňiz. Eger sport aýakgabyňyz matadan bolsa, ony köpürjikli suwda ýuwmak iň aňsat usullaryň biridir. Munuň üçin sabyn, şampun ýa-da ýuwujy



serişdeden peýdalanyp bilersiňiz. Kiçiräk legene mylaýym suw guýup, ýuwujy ergin damdyrmaly. Soňra köpürjik emele gelýänçä gowy bulamaly. Aýakgaby legene salyp bir-iki minut goýmaly. Hapasy ýumşandan soň, gowy edip ýuwmaly. Soňra suwuny syrykdyryp, guraýança goýmaly. Bu usuly ulularyň kömegi bilen kir ýuwujy maşynda hem ýerine ýetirip bilersiňiz. Eger sport aýakgabyňyz deriden bolsa, çygly süpürgiç bilen arassalamak iň aňsat usullaryň biridir.

**Ak reňkli aýakgap.** Ak aýakgap, esasan hem, ak sport aýakgaby çalt hapalanýar. Şeýle-de bolsa ony ýönekeý usul bilen arassalap bolýar. Munuň üçin biraz diş pastasy ýa-da nahar sodasy gerek. Ilki gury esgi bilen aýakgaby süpürmeli. Soňra ýylyrak suwa diş pastasyndan az-owlak damdyryp, çöpjagaz bilen bulamaly. Köpürjik emele gelenden soň, ulanylmaýan diş çotgasyny alyp, köpürjigi aýakgaba sürtmeli. Hapalar, tegmiller ýuwlandan soň, gury esgi bilen aýakgaby süpürmeli hem-de guratmaly. Beýleki bir usulda nahar sodasyny hem ulanyp bilersiňiz. 2 çemçe nahar sodasyny bir bulgur ýyly suwa garyp, jöpjagaz bilen bulamaly. Soňra ulanylmaýan diş çotgasy bilen köpürjigi köwşe sürtüp çykmaly. Ýarym sagat garaşanymyzdan soň, arassa suwa esgini ölläp, köwşi mazaly süpürmeli. Soňra aýakgabyň çygyny aýyrmaly. Çygyny aýyrmak üçin kagyz süpürgiç ýa-da esgi ulanyp bilersiňiz.



Çygly aýakgabyň geýilmegi saglygyňyz üçin zyýanly netijeler berip biler. Şol sebäpli aýakgabyňyzy bir ýere gitjek wagtyňyz dälde, öýe gelen wagtyňyz arassalamaly.

Arassaçylyk işi saglyk üçin ädilen ilkinji ädimdir. Şol sebäpli köwşüňi arassalamaga ýaltanmaly däl. Günüň dowamynda aýakgabyňdaky hapalary aýyrmak üçin 10-15 minutyňy sarp etmeli. Üst-başyň, köwşüň arassa bolmagy özüň üçin hem oňaýly bolup, adamy gelşikli görkezýär.

## Bulary bilmek gyzykly

Futbolçylaryň köpüsi bir oýnuň dowamynda (90 minut) ortaça 11 kilometr ylgaýarlar.

***

Diňe towşanlar we totular kellesini öwürmezden, arkasyny görüp bilýär.

***

Dünýäniň iň giň ýoly bolan Braziliýadaky «Monumental Axis»-da 160 ulag ýan-ýana ýöräp bilýär.

***

Towuklar hem beýleki guşlar ýaly uçup biler. Häzire çenli hasaba alnan towugyň iň uzak uçuş wagty 13 sekunda deň.

***

Delfinler bir gözüni açyp uklaýarlar.

***

Gök reňki saýgaryp bilýän ýeke-täk guş baýguşdyr.

***

Böküp bilmeýän ýeke-täk jandar pildir.

***

Äpet kalmar dünýädäki iň uly gözli jandardyr.

***

Bir galam bilen ortaça 56 kilometr çyzyk çyzyp bolýar.

















# 66-njy «Gremmi» baýragynyň dalaşgärleri

Aýdym-saz äleminiň iň abraýly baýragy hasaplanýan «Gremmi» baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi. Öňümizdäki ýylyň fewral aýynda gowşurylјak 66-njy «Gremmi» baýraklaryna SZA ady bilen meşhur bolan Solana Imani Rowe iň köp ugur boýunça dalaşgär görkezildi. 34 ýaşyndaky zenan aýdymçy 9 ugurdan «Gremmi» baýragyna dalaş eder. Onuň «Kill Bill» atly aýdymy ýylyň ýazgysy, ýylyň aýdymy, iň gowy R&B ýerine ýetiriliş, SOS atly albomy ýylyň albomy, progressiw R&B albomy ýaly ugurlarda dalaşgär diýlip bellendi. Fibi Bridjers, Serban Genea, Wiktoriýa Mone ýaly aýdymçylar 7 ugur boýunça «Gremmi» heýkeljiklerini gazanmak üçin göreşerler. Teýlor Swift, Maýli Saýrus, Billi Aýliş, Oliwiýa Rodrigo ýaly dünýä belli zenan aýdymçylar 6 ugur boýunça dalaşgärlige hödürlendi. Amerikaly aýdymçy Wiktoriýa Moneniň «Hollywood» atly şekilli aýdymynda ejesiniň aýdymyna kiçeňräk goşant goşan 2 ýaşyndaky Hazel Mone «Gremmi» baýraklarynyň iň ýaş dalaşgäri hökmünde hasaba alyndy.




«Gremmi» baýraklarynyň iň esasy 3 ugrunyň biri bolan ýylyň ýazgysy diýlen ugurda «Worship» (Jon Batiste), «Not Strong Enough» («Boygenius»), «Flowers» (Maýli Saýrus), «What Was I Made For?» (Billi Aýliş), «On My Mama» (Wiktoriýa Mone), «Vampire» (Oliwiýa Rodrigo), «Anti-Hero» (Teýlor Swift) hem-de «Kill Bill» (SZA) atly aýdymlar dalaşgär görkezildi.

A&W (Lana Del Reý), «Anti-Hero» (Teýlor Swift), «Butterfly» (Jon Batiste), «Dance the Night» (Dua Lipa), «Flowers» (Maýli Saýrus), «Kill Bill» (SZA), «Vampire» (Oliwiýa Rodrigo) hem-de «What Was I Made For?» (Billi Aýliş) atly aýdymlaryň biri ýylyň aýdymy diýlip saýlanar. Şeýle-de, Jon Batisteniň «World Music Radio», «Boygenius» gruppasynyň «The Record», Maýli Saýrusyň «Endless Summer Vacation», Lana Del Reýiň «Did You Know That There's a Tunnel Under Ocean Blvd», Janelle Monaeniň «The Age of Pleasure», Oliwiýa Rodrigonyň «Guts», Teýlor Swiftiň «Midnights», SZA-nyň SOS atly albomlary ýylyň albomy baýragyna dalaşgärlige hödürlendi.

Greýsi Abrams, Fred Again, Ice Spice, Jelly Roll, Coco Jones, Noah Kahan, Wiktoriýa Mone hem-de iki ýanýoldaşyň düzen aýdym-saz gruppasy «The War and Treaty» ýylyň täze sungat işgäri baýragynyň dalaşgärleri boldy.

Aýdym-sazyň pop, rok, rep, jazz, kantri, R&B, tans/elektronika, alternatiw aýdym-saz ýaly dürli görnüşleri boýunça solo, duo, albom, ýerine ýetiriş ýaly ugurlardan ýeňijiler sylaglanar.

66-njy «Gremmi» baýraklarynyň ýeňijileri 2024-nji ýylyň 4-nji fewralynda Los Anjeles şäherindäki «Crypto.com Arena»-da geçiriljek dabarada belli bolar.



# Ýewropada ýylyň gowulary saýlanar



Ýewropa film akademiýasy tarapyndan berilýän Ýewropa film baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi. 36-njy gezek gowşurylјak baýraklarda angliýaly Jonatan Gleýzeriň «Gyzyklanma zolagy» (The Zone of Interest) hem-de fin režissýory Aki Kaurismäkiniň «Dökülen ýapraklar» (Fallen Leaves) kinolary 5 ugurdan dalaşgärlige hödürlendi. Ýylyň öňe saýlanýan başga kinosy, fransiýaly zenan režissýor Žustin Trieniň «Ýykylmagyň anatomiýasy» (Anatomy of a Fall) filmide 4 ugur boýunça dalaşgär görkezildi. Germaniýaly meşhur aktrisa Sandra Hüller 2 dürli filmdäki («Ýykylmagyň anatomiýasy», «Gyzyklanma zolagy») keşbi üçin iň gowy aktrisa baýragyna dalaşgärlige hödürlenmegi aýratyn bellärliklidir.

Iň gowy film ugrunda Žustin Trieniň «Ýykylmagyň anatomiýasy», Aki Kaurismäkiniň «Dökülen ýapraklar», Agnieşka Hollandyň «Ýaşyl araçäk», Matteo Garroneniň «Men kapitan» hem-de Jonatan Gleýzeriň «Gyzyklanma zolagy» filmleri dalaşgär görkezildi. Iň gowy film baýragyna dalaşgär ekran eserlerini surata düşürenler iň gowy režissýor baýragyna-da hödürlendi.

36-njy Ýewropa film baýraklarynyň ýeňijileri 9-njy dekabrda Germaniýanyň paýtagty Berlinde geçiriljek dabarada mälim ediler.

## MEŞHUR SURATKEŞIŇ ESERI SATYLDY

Fransiýaly meşhur suratkeş Klod Moneniň «Suw liliýalarynyň howzy» (Le bassin aux nympheas) atly belli kartinasy ABŞ-nyň Nýu Ýork şäherindäki «Christie's» auksion öýünde satyldy. Geçirilen auksionda kartinanyň 74 million dollara satyn alnandygy habar berildi. Impressionist suratkeş bolan Klod Mone bu ýagly boýag kartinasyny 1917-1919-njy ýyllar aralygynda çekipdir. Döredijiliginde suw liliýalaryna aýratyn orun beren Mone 250-den gowrak suw liliýaly kartina döredipdir. Nýu Ýorkda geçirilen şol günki auksionda Moneniň kartinasyndan başga-da, birnäçe sungat eseri satuwa çykaryldy. Şol gün satylan sungat eserleriniň umumy bahasynyň 748 million dollardan geçendigi mälim edildi.



# Täze filmler

**Ady:** «The Marvels»; **Režissýory:** Nia DaKosta; **Ssenariçi:** Nia DaKosta, Megan MakDonnell, Elissa Karasik; **Prodýuseri:** Kewin Faýgi; **Keşplerde:** Bri Larson, Teýona Parris, Iman Wellani, Zawi Aşton, Gari Lýuwis, Park Seo-žoon, Zenobia Şroff, Mohan Kapur, Saagar Şaih, Samuel L. Jekson; **Kompozitory:** Laura Karpman; **Öndüriji:** «Marvel Studios»; **Paýlaýjy:** «Walt Disney Studios Motion Pictures»; **Dowamlylygy:** 105 minut; **Görnüşi:** uruşly, ylmy-fantastik, «superhero»; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 220 million dollar.




«The Marvels» filmi «Marvel Studios»-yň 2019-njy ýyldaky «Kapitan Marwel» filminiň 2-nji kinosy bolup, oňa Nia DaKosta režissýorlyk edýär. Zenan režissýoryň 3-nji uzyn metražly filminde baş keşpleri Bri Larson, Teýona Parris, Iman Wellani, Zawi Eşton dagy janlandyrýar. 220 million dollar býujetli filmiň agramly bölegi Angliýada, şol sanda ABŞ-nyň käbir şäherlerinde ekranlaşdyryldy. Film prokatlardan häzirlikçe 110 million dollar möçberinde girdeji gazandy.

Karol Danwers, ýagny Kapitan Marwel täzeden özüni dürsäp, Uly aňdan ar almak üçin göreş alyp barýar. Ýöne ýüze çykan wakalar sebäpli ýagdaý Kapitan Marweliň isleýşi ýaly bolmaýar. Şondan soň Kapitan Marwele Kamala Han, ýagny Hanym Marwel bilen S.A.B.E.R-iň astronawty Kapitan Monika Rembeu ýoldaşlyk edýär. Olar mundan soň güýçlerini birleşdirip, täzeden howp astynda galan älemi halas etmäge synanyşýarlar.

**Ady:** «Tiger 3»; **Režissýory:** Maneeş Şarma; **Ssenariçi:** Şridhar Raghawan; **Prodýuseri:** Aditýa Çopra; **Keşplerde:** Salman Han, Katrina Kaif, Emraan Haşmi, Rewati, Simran, Riddi Dogra, Kumud Mişra; **Kompozitory:** Pritam (aýdymlary), Tanuj Tiku (sazlary); **Öndüriji:** «Yash Raj Films»; **Paýlaýjy:** «Yash Raj Films»; **Dowamlylygy:** 156 minut; **Görnüşi:** uruşly, triller; **Ýurdy:** Hindistan; **Dili:** hindiçe; **Býujeti:** 37 million dollar.




Ýylyň garaşylýan hindi kinolarynyň arasynda görkezilýän «Tiger 3» filmi ekranlara çykdy. Maneeş Şarmanyň režissýorlyk eden bu kinosynda ýene-de baş keşpleri Salman Han bilen Katrina Kaif janlandyrýar. 156 minutlap dowam edýän filmiň býujeti 37 million dollar bolup, ekran eseri Deli, Mumbaý, Stambul, Sankt-Peterburg hem-de Wena şäherlerinde ekranlaşdyryldy. «Yash Raj Films» studiýasynyň önümi bolan filme meşhur Aditýa Çopra prodýuserlik etdi. Film «Tiger Zinda Hai» (2017) kinosynyň dowamy bolup, Taýger lakamly Awinaş hem-de onuň ýanýoldaşy Zoýa ýöňkelýän jenaýatlardan özlerini aklamak üçin göreş alyp barýarlar...

## 36-njy SKANWORD

**Leýli GURBANOWA,** *Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

Himiki barlaghanalarda silindr görnüşli gap
Iş mallarynyň iki gapdalyndan goýberilýän ýogyn agaç
Türkmen halk ertekisi
Saz guraly
Nem, çyg
Berk, pugta
Ýaşuly, garry
Gadymy rus harby enjamy
Italýan aýakgap brendi
Kiçi iner
Birine bildirilýän ýürege düşgünç nägilelik
Hindi aktrisasy ... Sen
Okaýan adam
Amerikaly aktrisa ... Adams
...-giç
Merkezi Afrikada bir döwlet
Koreý awtoulag brendi
Deňiz arkaly haryt daşamak üçin töleg
«Göwün-göwünden suw içer, ... - bogundan» (nakyl)
Ýakasy iki egniň üstünden açylýan bagjykly köýnek
Türkiýeli aktýor ... Akynözü
Ýewropaly aktýor Frederiko ...
Irlandiýanyň günbatar kenarynda ýerleşýän üç ada
Lukmançylykda, kosmetologiýada, parfýumeriýada giňden ulanylýan ösümlik
Nepaldaky iň uly köl
Gaýmalanyp, keşdelenip tikilen baş gaby
Gyz ady
Iberiýa ýarym adasynyň iň uly derýasy
Gylýal sürüsi
Aýdym-saz termini



## 50-nji KROSSWORD

**Gurbanmyrat GAZAKOW,** *Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyby.*



**DIKLIGINE:** **1.** Gumluk ýerlerde bitýän, gurakçylyga çydamly pürli agaç. **2.** Jam. **3.** Itiň bir tohumy. **4.** Ýyrtyjy deňiz jandary. **5.** Subtropik miwe. **6.** Isleg, arzuw (köne söz). **9.** Matanyň bir görnüşi. **10.** Ekiniň başynda çöp-çalamdan edilýän küme. **11.** Türkmen milli nahary. **15.** Gymmatbaha metal. **16.** Miwe. **17.** «Tüssesi bar, ady ýok» (matal). **18.** Italiýanyň Toskana sebitindäki bir şäher. **19.** Tikiniň bir görnüşi. **20.** Yşka düşen, aşyk. **23.** «Ähtimal, mümkin» diýen manylarda ulanylýan söz. **24.** Düýäniň kellesine salynýan demir dişli nogta. **25.** Fransuz süýjüligi. **29.** Küşt oýnunda iň güýçli, esasy mal. **30.** Ýap, jar. **31.** Erkana. **32.** Gumda bitýän ýasy ýaprakly ösümlik. **33.** Iki ýaňagyň iç we daş ýüzi. **34.** Könelen, çagşan.

**KESELIGINE:** **1.** Söweş sungatynyň bir görnüşi. **3.** Garyndaşlygy aňladýan söz. **5.** Bugda bişirilýän, börekden ulurak naharyň bir görnüşi. **7.** Şine. **8.** Aýaklary, boýny we çüňki uzyn guş. **12.** Damja (köne söz). **13.** Musulman ýyl hasaby boýunça ýylyň dokuzynjy aýy. **14.** But ýa-da gol süňkünüň bir bölegi. **15.** Ak-gara ýüpden işilen bag. **17.** Gadymy grek halky. **19.** Suwluk ýerlerde bitýän köpýyllyk ösümlik. **21.** Ýönekeý, mesaýy. **22.** Tebigy suw akymy. **26.** Däneli ekinleriň biri. **27.** Degirmende möhreden gelýän suwuň batly çykmagy üçin edilen deşik. **28.** Parahat. **29.** Çehiýanyň paýtagty. **31.** Owadan. **33.** Hamyr ýaýmak için ulanylýan uzyn, ujy inçemik togalak agaç. **35.** Küşt tagtasynyň üstünde tegelejik ak we gara çöp goýlup, belli bir düzgün boýunça oýnalýan oýun. **36.** Iki ýaşar düýe. **37.** Iki ýeriň aralygy. **38.** Edep-ekramsyz, terbiýesiz. **39.** «Küle çykar gygyrar, deň-duşlaryn çagyrar» (matal).

### 35-nji skanwordyň jogaby:

| | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | R | | M | | K | | A | W | A | N | G | A | R | D |
| B | I | D | Ä | N | E | | | | R | | Ü | | A | |
| | L | | L | | T | A | Ň | K | A | | L | A | D | A |
| W | A | T | I | K | A | N | | A | Ş | A | K | D | A | |
| | | O | K | A | | O | | K | | T | I | A | R | A |
| E | | G | | R | Y | N | D | A | | A | | L | | R |
| D | Ü | R | B | I | | I | | D | A | Ş | O | G | U | Z |
| Ä | | U | | B | A | M | B | U | K | | T | A | N | A |
| H | I | L | E | | W | | | | Ş | A | T | | A | |
| E | | | K | W | A | N | T | | E | | A | Ý | Ş | A |
| T | E | R | S | | R | | A | Ň | K | A | W | | | N |
| | N | | P | L | A | N | K | | E | L | A | Ç | Y | K |
| Ý | A | Ň | R | A | | A | G | Y | R | Y | | A | Ş | A |
| | Ý | | E | R | A | | A | | E | J | I | R | | R |
| K | Y | S | S | A | | Ö | Z | A | K | Y | M | Y | N | A |

### 49-njy krosswordyň jogaby:

| | | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | A | N | A | F | O | R | A | | | H | A | K | Y | K | A | T | |
| I | G | E | | L | I | | B | E | D | E | | U | R | | H | O | R |
| L | A | | G | O | L | | A | K | A | R | | B | A | G | | M | I |
| | | A | I | R | | Ş | | I | Ş | | A | | D | A | T | | |
| Ý | A | R | M | A | | A | | Z | A | | T | | A | R | E | N | A |
| A | Ý | A | N | | I | M | P | E | R | I | Ý | A | | A | N | I | S |
| | A | | A | B | | Ç | A | K | Y | Z | A | | G | G | | R | |
| | G | | S | A | R | Y | | | | | L | I | R | A | | E | |
| D | U | E | T | | A | R | A | K | E | S | M | E | | L | E | D | I |
| I | Ç | L | I | K | | A | | A | T | | A | | A | P | R | E | L |
| | | E | K | O | | G | | Ş | I | | N | | H | A | K | | |
| Ö | T | | A | L | T | | B | A | K | A | | Ý | Y | K | | D | O |
| Ý | Y | L | | B | U | | O | Ň | A | Ý | | A | R | | Ş | A | L |
| | G | A | R | A | T | A | L | | | A | L | G | Y | D | A | R | |

## Saýlama tapgyryň duşuşyklary

Klub futbolyna milli ýygyndylaryň duşuşyklary sebäpli 12 günlük arakesme berildi. 16-njy noýabrda başlan milli ýygyndylaryň duşuşyklary 22-nji noýabra çenli dowam eder. Şol 7 günde milli ýygyndylar saýlama tapgyrynyň duşuşyklaryny geçirerler. EURO 2024-iň saýlama tapgyry tamamlanar. Dünýä Kubogy 2026-nyň saýlama duşuşyklarynyň Aziýa zolagynda 2-nji tapgyra badalga berler. Afrika zolagynda-da toparçalardaky 1–2-nji duşuşyklar geçiriler. Günorta Amerikada bolsa 5–6-njy duşuşyklar geçiriljek, olaryň arasynda Braziliýa–Argentina duşuşygy esasy üns merkezinde bolar.



### Hepdäniň esasy duşuşyklary

17-nji noýabr
**Italiýa – D. Makedoniýa (00:45)**
Angliýa – Malta (00:45)
Polşa – Çehiýa (00:45)
Daniýa – Sloweniýa (00:45)
18-nji noýabr
Niderlandlar – Irlandiýa (00:45)
Şweýsariýa – Kosowo (00:45)
Germaniýa – Türkiýe (00:45)
19-njy noýabr
Wengriýa – Garadag (19:00)
Serbiýa – Bolgariýa (19:00)
Portugaliýa – Islandiýa (00:45)
20-nji noýabr
Russiýa – Kuba (21:30)
**Ukraina – Italiýa (00:45)**
D. Makedoniýa – Angliýa (00:45)
Sloweniýa – Gazagystan (00:45)
21-nji noýabr
Hytaý – Günorta Koreýa (17:00)
**Gonkong – Türkmenistan (17:00)**
**Özbegistan – Eýran (18:00)**
Iordaniýa – Saud Arabystany (22:00)
Uels – Türkiýe (00:45)
Rumyniýa – Şweýsariýa (00:45)
Gresiýa – Fransiýa (00:45)
Awstriýa – Germaniýa (00:45)
22-nji noýabr
**Braziliýa – Argentina (05:30)**

# TÄLIMÇISINI ÇALŞAN KLUBLAR

**Ýewropanyň öňdebaryjy çempionatlarynda möwsümiň üçden biri tamamlanyp barýar. Adatça bolşy ýaly, möwsüm käbir klublar üçin şowly dowam edýän bolsa, käbirleri üçin şowsuz ýagdaýda geçýär. Garaşylmadyk öňdebaryjylaryň bolşy ýaly, garaşylmadyk ýagdaýda aşaky orunlarda ýaryşy dowam etdirýän klublar bar. Şol nukdaýnazardan käbir klublaryň ýolbaşçylary umumylykda iň aňsat işi, ýagny tälimçini çalşanyny kem görenok. Eýýäm çempionatlarda onlarça tälimçi çalşyldy.**

**«WILÝARREALA» 2-NJI GEZEK TÄLIM BERER**

«La Ligada» öňdäki orunlara ymtylýan «Wilýarreal» topary tälimçi çalyşmakda öňe saýlanýar. Sary suwmarineler eýýäm 2-nji tälimçini, hatda wagtlaýynça bellenen 3-nji tälimçisini ugratdylar. Möwsüme Kike Setien bilen başlan «Wilýarreal» sentýabr aýynda ony ugradyp, Paçetany wezipä belläpdiler. Ýöne onuňam tälimçiligi uzak dowam etmedi. Esasan hem, çempionatdaky kanagatlanarsyz netijelerden soň geçen hepdäniň başynda wezipeden boşadylan Paçetanyň ornuna Migel Anhel Tena wagtlaýynça goýlupdy. Klubuň ýolbaşçylary Tenanyň ornuna ozalky tälimçileri — Marselino Garsiýa Toral bilen 2026-njy ýylyň tomsuna çenli şertnama baglaşdylar. 58 ýaşyndaky hünärmen 2013–2016-njy ýyllarda-da «Wilýarreala» tälim beripdi.

«Wilýarrealdan» öňem şu möwsümde «La Ligada» henize çenli ýeňiş gazanyp görmedik «Almeriýa» kluby-da tälimçisini 2 gezek çalyşdy. Şol sanda «Sewilýa» topary-da möwsüme başlan tälimçisi Hose Luis Mendilibary ugradyp, ýerine urugwaýly Diego Alonsony wezipä belledi.









**10 ÝYLDAN SOŇ TÄZEDEN WEZIPÄ BELLENDI**

Tälimçisini çalşan esasy klublaryň ýene biri hem Italiýanyň çempiony, geçen maý aýynda 33 ýyldan soň 3-nji çempionlygyny baýram eden «Napoli» kluby boldy. Klubuň özbolusly hem-de özdiýenli ýolbaşçysy Aurelio De Laurentis çempionlyk gazandyran Luçano Spallettiniň işini taşlamagyndan soň onuň ornuna Rudi Garsiýany tälimçilige belläpdi. Ýöne fransiýaly hünärmeniň Italiýadaky 2-nji başdangeçirmesi uzak dowam etmedi. Topar çempionatda soňky tapgyrda öz meýdançasynda «Empoliden» utulmagyndan soň tejribeli hünärmen «goşuny düwmeli» boldy. Ilki Igor Tudora teklip beren De Laurentis horwatiýaly tälimçi bilen möhlet babatda ylalaşyk gazanyp bilmedi. Tudor 2 ýyllyk şertnama islese, De Laurentis häzirlikçe möwsümiň ahyryna çenli ylalaşyk gazanmak isleýärdi. Ahyrynda edil «Wilýarrealdaky» ýaly Laurentis hem mundan 10 ýyl ozal kluba tälim beren Walter Mazzarini möwsümiň ahyryna çenli wezipä belledi. 62 ýaşyndaky italýan hünärmeni 2022-nji ýylyň maýyndan bäri hiç bir kluba tälim berenokdy. Ol 2009–2013-nji ýyllar aralygynda «Napolide» işläp, kluba Italiýanyň Kubogyny gazandyrypdy. «Napoli» «Serie A»-da şu möwsümde tälimçisini çalşan 4-nji klub boldy.

Wezipesinden boşadylan tälimçi habarynyň ýene biri-de «Bundesligadan» gelip gowuşdy. Çempionatda yzly-yzyna 9 ýeňilşden soň, iň aşaky orna düşen «Union Berlin» toparynyň hem ýolbaşçylarynyň sabyr käsesi dolan ýaly. 5 ýyl öň wezipä bellenen we kluby «Bundesliga» çykaran, geçen möwsümde-de çempionatda 4-nji orny eýeläp, taryhynda ilkinji gezek Çempionlar Ligasyna gatnaşdyran Urs Fişer wezipesinden boşadyldy. Klub awgust aýynda 2-si çempionatda, beýlekisi-de kubok ýaryşynda, jemi 3 oýunda gazanan ýeňşinden soň 14 duşuşykda ýeňşi ýatdan çykardy. 14 oýnuň 13-sinde utulan (Çempionlar Ligasynda diňe 1 deňlik) klubuň ýolbaşçylary tälimçini ugradyp, täzeçe başlamagy makul gördi. Ýogsam Urs Fişeriň klubdaky ornunyň uludygy hemmä mälimdir. Klubuň täze tälimçisiniň kim boljakdygy häzirlikçe belli däl.

Italiýanyň 2-nji ligasy «Serie B»-de 6-njy orunda barýan «Komo» topary klubuň U-17 toparyna tälim berýän ozalky meşhur futbolçy Sesk Fabregasy tälimçi edip belledi. Ýagny «Komo» klubunyň täze tälimçisi Moreno Longonyň ornuna ispaniýaly ýaş hünärmen Fabregas boldy.

## Şwesiýada «Malmö», Norwegiýada «Bude-Glimt»






Şwesiýanyň çempionaty «Allsvenskan»-da çempion soňky tapgyrda belli boldy. Ýewropadaky çempionaty gyşda geçirilmeýän ýurtlaryň biri bolan Şwesiýada «Malmö» topary 23-nji çempionlygyny gazandy. 30-njy tapgyrda sanawyň lideri «Elfsborg» toparyndan 1–0 hasabynda üstün çykan «Malmö» garşydaşy bilen deň utuk toplasa-da, gol aratapawudy boýunça öňe saýlandy. 62 gol geçirip, 27 gol geçirden «Malmö» 59 gol geçirip, 26 gol geçirden «Elfsborgdan» çempionlygy almagy başardy. Geçen möwsümde taryhynda ilkinji gezek çempionlyk gazanan «BK Haken» topary 3-nji ýer bilen oňňut etmeli boldy.

Şwesiýada «Malmö» iň köp çempionlyk gazanan topardyr. Bu ugurda soňky çempionlygyny 2007-nji ýylda gazanan «Gýoteborg» 18 çempionlyk bilen 2-nji ýerde barýar. «Norrkoping» toparynyň 13, AIK «Ýurgorden», «Ergrýute» toparlarynyň-da 12 çempionlygy bar.

Gyş paslyny futbolsyz geçirýän ýurtlaryň ýene biri bolan Norwegiýanyň çempionatynda çempion möwsümiň tamamlanmagyna 2 tapgyr galanda belli boldy. 28-nji tapgyrda «Olesunn» toparyny Nikola Hoplandyň 37-nji minutda öz derwezesinden geçiren ýeketäk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňen «Bude-Glimt» topary çempionlyk gazandy. Geçen möwsümde çempionlygy «Molde» toparyna aldyran «Bude-Glimt» taryhynda 3-nji gezek «Eliteserien»-iň çempiony bolmagy başardy. 2-nji ýerdäki «Brann» toparyndan 9 utuk öňe saýlanan Bude şäheriniň wekili mundan öň 2020-nji we 2021-nji ýyllarda çempionlyk gazanypdy. Çempionatda 2-nji ýer ugrunda «Brann», «Tromsö», «Wiking» klublary göreş alyp barýar.

Norwegiýanyň çempionatynda iň köp çempionlyk gazanan topar «Rosenborg» kluby bolup, olaryň 26 çempionlygy bar. 2-nji ýerde irki ýyllarda — 1930–1960-njy ýyllarda 9 gezek çempionlyk gazanan «Fredrikstad» topary bar. Soňky sapar 1991-nji ýylda çempion bolan «Wikingiň» 8, «Molde», «Lilleström» hem-de «Walerenga» toparlary-da 5 gezek çempion diýen ady eýeledi.

## Soňky 2 ýaryşdan öň aratapawut 14 utuk

**Moto GP boýunça möwsümiň 18-nji ýaryşy Malaýziýanyň Sepang şäherinde geçirildi. Şäherdäki halkara trassada geçirilen ýaryşda «Ducati Lenovo» toparynyň italýan sürüjisi Enea Bastianini ýeňiş gazandy. Ol 20 aýlawy 39 minut 59,137 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň şu möwsümdäki ilkinji, karýerasyndaky 5-nji ýeňşi boldy. Ýeňijiden 1,535 sekunt yza galan «Ducati Gresini Racing» toparynyň ispan sürüjisi Aleks Markes 2-nji ýeri eýeledi. Sanawyň lideri «Ducati Lenovo» toparynyň italýan sürüjisi Françesko Banaia münberiň 3-nji basgançagyna çykdy. 2-nji orunda barýan «Ducati Prima Pramac» toparynyň ispaniýaly piloty Horge Martin ýaryşy 4-nji orunda tamamlady. Fransiýaly Fabio Kuartararonyň («Monster Energy Yamaha») 5-nji bolan ýaryşynda italiýaly Marko Bezzekki («Ducati Mooney VR46 Racing») 6-njy ýeri eýeledi.**



**Sprint ýaryşynda Aleks Markes ýeňiji bolup, ol Horge Martin hem-de Françesko Banaiadan öňe saýlandy. Şunlukda, möwsümiň tamamlanmagyna 2 ýaryş galanda, Banaia bilen Martiniň arasyndaky çempionlyk göreşi hasam ýokary depginde dowam edýär. Malaýziýa «Gran Prisinde» Banaia 23, Martin 22 utuk gazandy. Netijede, Banaianyň utugy 412-ä ýetdi we ol liderligini dowam etdirýär. Ondan 14 utuk yzda barýan Martin 2-nji ýeri eýeleýär. 3-nji orundaky Bezzekkiniň bolsa 323 utugy bar.**

**Möwsümiň 19-njy ýaryşy 19-njy noýabrda Kataryň Lusail şäherinde geçiriler.**

## LONDONDA 8 GOL BAR, ÝEŇIŞ GAZANAN ÝOK



Angliýanyň «Premier Ligasynda» tapgyryň merkezi duşuşygynda 8 gol geçirilse-de, ýeňiş gazanan bolmady. Öz meýdançasynda soňky çempion «Mançester Sitini» kabul eden «Çelsi» güýçli garşydaşy bilen 4–4 hasabynda deňme-deň oýnady. Toparlaryň ikisi-de her ýarymda 2 gol geçirdi. Oýnuň 25-nji minutynda Erling Holann 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup hasaby açdy. Ýöne londonlylaryň jogaby gijikmedi. 29-njy minutda Tiago Silwa hasaby deňledi. 37-nji minutda Sterling öňki klubuny gynandyryp, «Çelsini» öňe saýlady. Emma şäherliler 1-nji ýarym tamamlanmanka hasaby deňlemegi başardylar. Akanžiniň kelle urgusy bilen geçiren golundan soň, toparlar arakesmä deňlikde çykdylar. «Mançester Siti» 2-nji ýaryma-da gol bilen başlady. Holann 47-nji minutda «Sitini» 2-nji sapar öňe saýlady. «Çelsi» bu gola 20 minutdan soň jogap berdi. 67-nji minutda Jekson hasaby deňlemegiň hötdesinden geldi. Oýnuň 86-njy minutynda uzakdan urgulary bilen tapawutlanýan Rodriniň batly urgusy Tiago Silwanyň aýagyna degip, derwezeçini az-owlak ýalňyşdyrdy. Rodriniň adyna ýazylan bu goldan soň «Mançester Siti» ýeňşe golaý geldi. Ýöne ruhdan düşmedik «Çelsi» 90+5-nji minutda VAR-yň kömegi bilen 11 metrlik jerime urgusyny gazandy. Ony-da şu tomusda «Mançester Sitiden» transfer edilen ýaş hüjümçi Koul Palmer dürs urup, öňki toparyny 1 utuk bilen meýdançany terk etmäge mejbur etdi. Şunlukda, duşuşyk 4–4 hasabynda deňlikde tamamlandy.



«Liwerpul» Salahyň 2 gol geçiren oýnunda öz meýdançasynda «Brentforddan» 3–0 hasabynda üstün çykdy. «Mançester Ýunaýted» bolsa ýene iň kiçi hasap bilen ýeňiş gazanmagy başardy. «Arsenal» öz meýdançasynda «Börnli» toparyny Trossaryň, Salibanyň hem-de Zinçenkonyň gollary bilen 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Geçen tapgyrda «Çelsiden» asgyn gelen «Tottenham» bu tapgyrda-da utuldy. Myhmançylykda «Wulwerhempton» bilen duşuşan londonlylar 3-nji minutda Jonsonyň goly esasynda öňe saýlandy. Ýöne oýnuň 90-njy minutyndan soň 2 gol geçiren «Wulwerhempton» ýeňşini baýram etdi. «Wulwerhemptona» ýeňiş getiren gollary 90+1-nji minutda Sarabiýa hem-de onuň pasy bilen 90+7-nji minutda Lemina derweze girizdi. Sarabiýa duşuşygyň 87-nji minutynda meýdança giripdi.

## La Ligada «Žironanyň» liderligi dowam edýär





Ispaniýanyň çempionatynda «Žironanyň» liderligi dowam edýär. Myhmançylykda «Raýo Wallekano» bilen duşuşan «Žirona» duşuşykda 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Ýer eýeleri 5-nji minutda Alwaro Garsiýanyň goly bilen öňe saýlansalaram, 1-nji ýarym tamamlanmanka Artýom Dowbygyň goly bilen myhmanlar hasaby deňledi. 65-nji minutda-da Sawio toparyna ýeňiş getiren oýunçy boldy.



2-nji ýerdäki «Real Madrid» öz meýdançasynda «Walensiýany» kabul edip, garşydaşyny 5–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Madridlilere ýeňiş getiren gollary Karwahal, Winisius Junior (2) hem-de Rodrigo (2) geçirdi.

«Barselona» – «Alawes» duşuşygynda myhmanlaryň hüjümçisi Omorodion entek oýnuň başynda, 17-nji sekuntda hasaby açsa-da, «Barselona» 7 oýundan bäri goly ýatdan çykaran hüjümçisi Robert Lewandowskiniň (53, 78 p) gollary bilen ýeňşini baýram etdi. «Atletiko Madrid» Morenanyň goly esasynda öňe geçen «Wilýarrealy» Witsel, Grizmann hem-de Linonyň gollary bilen 3–1 hasabynda ýeňdi.

### PREMIER LEAGUE (12) – 37 gol

**Wulwerhempton—Tottenham: 2–1** (Sarabiýa 90+1, Lemina 90+7 — Jonson 3), **M. Ýunaýted—Luton T.: 1–0** (Lindelof 59), **K. Palas—Ewerton: 2–3** (Eze 5 p, Eduar 74 — Mikolenko 1, Dukure 49, Geýe 86), **Arsenal—Börnli: 3–1** (Trossar 45+1, Saliba 57, Zinçenko 74 — Braunhill 54), **Bornmut—Nýukasl: 2–0** (Solanke 60, 73), **Liwerpul—Brentford: 3–0** (Salah 39, 62, Žota 74), **Braýton—Şeffild Ý.: 1–1** (Adingra 6 — Webster 73 ö.d.), **West Ham—Nottingam F: 3–2** (Paketa 3, Bowen 65, Souçek 88 — Awonýi 44, Elanga 63), **A. Willa—Fulham: 3–1** (Robinson 27 ö.d., Makginn 42, Wotkins 64 — Himenes 70), **Çelsi—M. Siti: 4–4** (T. Silwa 29, Sterling 37, Jekson 67, Palmer 90+5 p — Holann 25 p, 47, Akanji 45+1, Rodri 86)

### LA LIGA (13) – 33 gol

**Atletik—Selta: 4–3** (Sanset 37, Guruseta 45+4, 52, Berenger 90+7 p — Ýago Aspas 25, Bamba 41, Strand Larsen 66), **R. Wallekano—Žirona: 1–2** (Alwaro Garsiýa 5 — Dowbyk 42, Sawio 65), **Almeriýa—R. Sosiedad: 1–3** (Arribas 76 — Oýarzabal 62, Fernandes 90+1 p, Subimendi 90+5), **Granada—Hetafe: 1–1** (Wilýar 45+4 — Maýoral 2), **Osasuna—Las Palmas: 1–1** (Budimir 73 — Moleýro 70), **Real Madrid—Walensiýa: 5–1** (Karwahal 3, W. Junior 42, 49, Rodrigo 50, 84 — Duro 88), **Barselona—Alawes: 2–1** (Omorodion 1 — Lewandowski 53, 78 p), **Sewilýa—Betis: 1–1** (Aýose Peres 72 — Rakitiç 79), **Atletiko—Wilýarreal: 3–1** (Witsel 45+1, Grizmann 80, Lino 85 — Moreno 20), **Malýorka—Kadiz** (soňa goýuldy)

### SERIE A (12) – 22 gol

**Sassuolo—Salernitana: 2–2** (Torstwedt 36, 53 – Ikwuemsi 5, Dia 17), **Jenoa—Werona: 1–0** (Dreguşin 44), **Leççe—Milan: 2–2** (Sansone 66, Banda 70 — Žiru 28, Reýnders 35), **Ýuwentus—Kaliari: 2–1** (Bremer 60, Rugani 70 — Dossena 75), **Monza—Torino: 1–1** (Kolpani 65 — Iliç 55), **Napoli—Empoli: 0–1** (Kowalenko 90+1), **Fiorentina—Bolonýa: 2–1** (Bonawentura 17, Gonzalez 48 p — Zirkzee 33 p), **Udineze—Atalanta: 1–1** (Wollas 44 — Ederson 90+2), **Lasio—Roma: 0–0**, **Inter—Frozinone: 2–0** (Dimarko 43, Çalhanoglu 48 p)

### BUNDESLIGA (11) – 29 gol

**Borussiýa M—Wolfsburg: 4–0** (Çwançara 16, Raýts 42, Onora 64, Plea 71), **Augsburg—Hoffenhaým: 1–1** (Demirowiç 53 — Weghorst 23), **Bawariýa—Haýdenhaým: 4–2** (Keýn 14, 44, Gerreýro 72, Şupo-Moting 85 — Klýaýndinst 67, Beste 70), **Darmştadt—Maýns: 0–0**, **Ştutgart —Borussiýa D: 2–1** (Undaw 42, Girassi 83 p — Füllkrug 36), **Bohum—Köln: 1–1** (Daşner 25 — Zelke 54), **Baýer—Union Berlin: 4–0** (Grimaldo 23, Kossunu 57, Ta 73, Tella 83), **Werder—Aýntraht: 2–2** (Dukş 45+2 p, Borre 50 — Shiri 65, Smolçiç 75), **Leipsig—Fraýburg: 3–1** (Simons 6, Openda 78, Baumgartner 80 — Rýol 45+6)

### LIGUE 1 (12) – 12 gol

**Reýms—PSŽ: 0–3** (Kilian Mbappe 3, 59, 82), **Monpelie—Nissa: 0–0, Le Hawr—Monako: 0–0, Klermon—Loriýan: 1–0** (Nikolassan 69 p), **Lill—Tuluza: 1–1** (Ýoro 30 — Dallinga 65), **Mets—Nant: 3–1** (Wan Den Kerkhof 3, Elisor 28, Asoro 85 — Simon 12), **Renn—Lion: 0–1** (O'Braýen 67), **Lans—Marsel: 1–0** (Gradit 90), **Brest—Strasbur** (soňa goýuldy)

### PREMEIRA LIGA (11) – 21 gol

**Eştoril—Kasa Pia: 4–0** (Markes 1, Gitan 24, Gomeş 69, Kassiano 90+5), **Portimonense—Şawiş: 2–1** (Warela 13, Karrilio 38 — Benni 87), **Wizela—Famalikan: 0–0, Eştrela—Moreýrense: 0–1** (Luis 90+1), **Gimaraýnş—Porto: 1–2** (Silwa 17 — Sanusi 39, Konseýsau 59), **Boawişta—Farense: 1–3** (Boženik 87 — Balde 29, Isidoro 90+3, Barboza 90+6), **Žil Wisente—Rio Awe: 1–1** (Monteýro 67 — Nobrega 56), **Aroka—Braga: 0–1** (Jalo 36), **Benfika—Sporting: 2–1** (Neweş 90+4, Tengstedt 90+7 — Diokereş 45)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MAN. SITI | 12 | 9 | 1 | 2 | 32-12 | 28 |
| 2 | LIWERPUL | 12 | 8 | 3 | 1 | 27-10 | 27 |
| 3 | ARSENAL | 12 | 8 | 3 | 1 | 26-10 | 27 |
| 4 | TOTTENHAM | 12 | 8 | 2 | 2 | 24-15 | 26 |
| 5 | ASTON WILLA | 12 | 8 | 1 | 3 | 29-17 | 25 |
| 6 | M. ÝUNAÝTED | 12 | 7 | 0 | 5 | 13-16 | 21 |
| 7 | NÝUKASL | 12 | 6 | 2 | 4 | 27-13 | 20 |
| 8 | BRAÝTON | 12 | 5 | 4 | 3 | 25-21 | 19 |
| 9 | WEST HAM | 12 | 5 | 2 | 5 | 21-22 | 17 |
| 10 | ÇELSI | 12 | 4 | 4 | 4 | 21-16 | 16 |
| 11 | BRENTFORD | 12 | 4 | 4 | 4 | 19-17 | 16 |
| 12 | W. HEMPTON | 12 | 4 | 3 | 5 | 16-20 | 15 |
| 13 | K. PALAS | 12 | 4 | 3 | 5 | 12-16 | 15 |
| 14 | EWERTON | 12 | 4 | 2 | 6 | 14-17 | 14 |
| 15 | NOTTINGAM | 12 | 3 | 4 | 5 | 14-18 | 13 |
| 16 | FULHAM | 12 | 3 | 3 | 6 | 10-20 | 12 |
| 17 | BORNMUT | 12 | 2 | 3 | 7 | 11-27 | 9 |
| 18 | LUTON TAWN | 12 | 1 | 3 | 8 | 10-20 | 6 |
| 19 | ŞEFFILD ÝUN. | 12 | 1 | 2 | 9 | 10-31 | 5 |
| 20 | BÖRNLI | 12 | 1 | 1 | 10 | 9-30 | 4 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 13 |
| 2 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 10 |
| 3 | Hyn Min SON (Tottenham) | 8 |
| 4 | Jarred BOWEN (West Ham) | 8 |
| 5 | Kallum WILSON (Nýukasl) | 7 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ŽIRONA | 13 | 11 | 1 | 1 | 31-16 | 34 |
| 2 | REAL MADRID | 13 | 10 | 2 | 1 | 28-9 | 32 |
| 3 | BARSELONA | 13 | 9 | 3 | 1 | 26-13 | 30 |
| 4 | ATLETIKO M | 12 | 9 | 1 | 2 | 29-12 | 28 |
| 5 | ATLETIK B | 13 | 7 | 3 | 3 | 25-17 | 24 |
| 6 | R. SOSIEDAD | 13 | 6 | 4 | 3 | 23-16 | 22 |
| 7 | BETIS | 13 | 5 | 6 | 2 | 17-16 | 21 |
| 8 | LAS PALMAS | 13 | 5 | 3 | 5 | 11-12 | 18 |
| 9 | WALENSIÝA | 13 | 5 | 3 | 5 | 16-18 | 18 |
| 10 | R. WALLEKANO | 13 | 4 | 6 | 3 | 15-17 | 18 |
| 11 | HETAFE | 13 | 3 | 7 | 3 | 15-17 | 16 |
| 12 | OSASUNA | 13 | 4 | 2 | 7 | 15-21 | 14 |
| 13 | SEWILÝA | 12 | 2 | 6 | 4 | 18-17 | 12 |
| 14 | WILÝARREAL | 13 | 3 | 3 | 7 | 18-24 | 12 |
| 15 | ALAWES | 13 | 3 | 3 | 7 | 11-18 | 12 |
| 16 | KADIZ | 12 | 2 | 4 | 6 | 10-17 | 10 |
| 17 | MALÝORKA | 12 | 1 | 6 | 5 | 12-18 | 9 |
| 18 | SELTA | 13 | 1 | 4 | 8 | 14-24 | 7 |
| 19 | GRANADA | 13 | 1 | 4 | 8 | 18-30 | 7 |
| 20 | ALMERIÝA | 13 | 0 | 3 | 10 | 15-35 | 3 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Jud BELLINGAM (Real Madrid) | 10 |
| 2 | Antuan GRIZMANN (Atletiko) | 8 |
| 3 | Žerar MORENO (Wilýarreal) | 8 |
| 4 | Alwaro MORATA (Atletiko) | 7 |
| 5 | Artem DOWBYK (Žirona) | 6 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 12 | 10 | 1 | 1 | 29-6 | 31 |
| 2 | ÝUWENTUS | 12 | 9 | 2 | 1 | 19-7 | 29 |
| 3 | MILAN | 12 | 7 | 2 | 3 | 20-14 | 23 |
| 4 | NAPOLI | 12 | 6 | 3 | 3 | 24-13 | 21 |
| 5 | FIORENTINA | 12 | 6 | 2 | 4 | 20-16 | 20 |
| 6 | ATALANTA | 12 | 6 | 2 | 4 | 20-11 | 20 |
| 7 | ROMA | 12 | 5 | 3 | 4 | 22-14 | 18 |
| 8 | BOLONÝA | 12 | 4 | 6 | 2 | 13-10 | 18 |
| 9 | MONZA | 12 | 4 | 5 | 3 | 13-11 | 17 |
| 10 | LASIO | 12 | 5 | 2 | 5 | 13-13 | 17 |
| 11 | TORINO | 12 | 4 | 4 | 4 | 10-14 | 16 |
| 12 | FROZINONE | 12 | 4 | 3 | 5 | 17-20 | 15 |
| 13 | LEÇÇE | 12 | 3 | 5 | 4 | 13-16 | 14 |
| 14 | JENOA | 12 | 4 | 2 | 6 | 13-16 | 14 |
| 15 | SASSUOLO | 12 | 3 | 3 | 6 | 16-21 | 12 |
| 16 | UDINEZE | 12 | 1 | 8 | 3 | 8-15 | 11 |
| 17 | EMPOLI | 12 | 3 | 1 | 8 | 5-21 | 10 |
| 18 | KALIARI | 12 | 2 | 3 | 7 | 12-24 | 9 |
| 19 | WERONA | 12 | 2 | 2 | 8 | 7-16 | 8 |
| 20 | SALERNITANA | 12 | 0 | 5 | 7 | 8-24 | 5 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 12 |
| 2 | Oliwie ŽIRU (Milan) | 7 |
| 3 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 6 |
| 4 | Romelu LUKAKU (Roma) | 6 |
| 5 | Andrea KOLPANI (Monza) | 6 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAÝER | 11 | 10 | 1 | 0 | 34-10 | 31 |
| 2 | BAWARIÝA | 11 | 9 | 2 | 0 | 42-9 | 29 |
| 3 | ŞTUTGART | 11 | 8 | 0 | 3 | 29-14 | 24 |
| 4 | LEIPSIG | 11 | 7 | 2 | 2 | 28-10 | 23 |
| 5 | BORUSSIÝA D | 11 | 6 | 3 | 2 | 21-17 | 21 |
| 6 | HOFFENHAÝM | 11 | 6 | 1 | 4 | 23-20 | 19 |
| 7 | AÝNTRAHT | 11 | 4 | 6 | 1 | 17-11 | 18 |
| 8 | FRAÝBURG | 11 | 4 | 2 | 5 | 14-22 | 14 |
| 9 | BORUSSIÝA M | 11 | 3 | 4 | 4 | 23-23 | 13 |
| 10 | AUGSBURG | 11 | 3 | 4 | 4 | 20-23 | 13 |
| 11 | WOLFSBURG | 11 | 4 | 1 | 6 | 15-20 | 13 |
| 12 | WERDER | 11 | 3 | 2 | 6 | 18-22 | 11 |
| 13 | HAÝDENHAÝM | 11 | 3 | 1 | 7 | 17-26 | 10 |
| 14 | BOHUM | 11 | 1 | 6 | 4 | 11--25 | 9 |
| 15 | DARMŞTADT | 11 | 2 | 2 | 7 | 14-32 | 8 |
| 16 | MAÝNS | 11 | 1 | 4 | 6 | 11--24 | 7 |
| 17 | KÖLN | 11 | 1 | 3 | 7 | 9--23 | 6 |
| 18 | UNION BERLIN | 11 | 2 | 0 | 9 | 11--26 | 6 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 17 |
| 2 | Seru GIRASSI (Ştutgart) | 15 |
| 3 | Loi OPENDA (Leipsig) | 8 |
| 4 | Ýonas WINN (Wolfsburg) | 8 |
| 5 | Leroý SANE (Bawariýa) | 8 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 12 | 8 | 3 | 1 | 29-9 | 27 |
| 2 | NISSA | 12 | 7 | 5 | 0 | 13-4 | 26 |
| 3 | MONAKO | 12 | 7 | 3 | 2 | 25-14 | 24 |
| 4 | LILL | 12 | 5 | 5 | 2 | 15-11 | 20 |
| 5 | REÝMS | 12 | 6 | 2 | 4 | 17-15 | 20 |
| 6 | LANS | 12 | 4 | 4 | 4 | 13-13 | 16 |
| 7 | LE HAWR | 12 | 3 | 6 | 3 | 12--13 | 15 |
| 8 | BREST | 11 | 4 | 3 | 4 | 11--13 | 15 |
| 9 | NANT | 12 | 4 | 2 | 6 | 17-23 | 14 |
| 10 | MARSEL | 11 | 3 | 4 | 4 | 12--13 | 13 |
| 11 | METS | 12 | 3 | 4 | 5 | 12--18 | 13 |
| 12 | MONPELIE | 11 | 3 | 4 | 4 | 15-14 | 12 |
| 13 | RENN | 12 | 2 | 6 | 4 | 16-16 | 12 |
| 14 | TULUZA | 12 | 2 | 6 | 4 | 13-16 | 12 |
| 15 | STRASBUR | 11 | 3 | 3 | 5 | 9--15 | 12 |
| 16 | LORIÝAN | 12 | 2 | 5 | 5 | 15-21 | 11 |
| 17 | KLERMON | 11 | 2 | 3 | 6 | 8--14 | 9 |
| 18 | LION | 11 | 1 | 4 | 6 | 9--19 | 7 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 13 |
| 2 | Akor ADAMS (Monpelie) | 7 |
| 3 | Mostafa MOHAMED (Nant) | 5 |
| 4 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 5 |
| 5 | Aleksandr GOLOWIN (Monako) | 5 |

**PORTUGALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PRIMEIRA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BENFIKA | 11 | 9 | 1 | 1 | 23-9 | 28 |
| 2 | SPORTING | 11 | 9 | 1 | 1 | 23-11 | 28 |
| 3 | PORTO | 11 | 8 | 1 | 2 | 15-8 | 25 |
| 4 | BRAGA | 11 | 7 | 2 | 2 | 30-18 | 23 |
| 5 | MOREÝRENSE | 11 | 6 | 2 | 3 | 14-10 | 20 |
| 6 | GIMARAÝNŞ | 11 | 6 | 1 | 4 | 18-13 | 19 |
| 7 | FARENSE | 11 | 5 | 1 | 5 | 20-15 | 16 |
| 8 | FAMALIKAN | 11 | 4 | 4 | 3 | 11--10 | 16 |
| 9 | BOAWIŞTA | 11 | 4 | 3 | 4 | 19-20 | 15 |
| 10 | PORTIMONENSE | 11 | 4 | 2 | 5 | 13-25 | 14 |
| 11 | ŽIL WISENTE | 11 | 3 | 2 | 6 | 23-22 | 11 |
| 12 | EŞTRELA | 11 | 3 | 2 | 6 | 11--16 | 11 |
| 13 | EŞTORIL | 11 | 3 | 1 | 7 | 19-20 | 10 |
| 14 | WIZELA | 11 | 2 | 4 | 5 | 11--16 | 10 |
| 15 | KASA PIA | 11 | 2 | 4 | 5 | 8--13 | 10 |
| 16 | RIO AWE | 11 | 2 | 3 | 6 | 12--19 | 9 |
| 17 | ŞAWIŞ | 11 | 2 | 1 | 8 | 13-30 | 7 |
| 18 | AROKA | 11 | 1 | 3 | 7 | 9--17 | 6 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Simon BANZA (Braga) | 10 |
| 2 | Hektor HERNANDES (Şawiş) | 7 |
| 3 | Wiktor DIOKEREŞ (Sporting) | 7 |
| 4 | Robert BOŽENIK (Boawişta) | 6 |
| 5 | PAULINIO (Sporting) | 6 |

## «Bawariýa» hem-de Keýniň täze rekordlary

Germaniýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Baýer» topary möwsümdäki 10-njy ýeňşini gazanyp, ýeňlişsiz ýörişini dowam etdirýär. Lewerkuzenliler öz meýdançasynda «Union Berlin» toparyndan 4–0 hasabynda üstün çykdy. Harri Keýniň 2 gol geçiren oýnunda «Bawariýa» Münhende «Haýdenhaýmy» 4–2 hasabynda ýeňdi. «Bawariýa» «Bundesligada» 11 oýunda 42 gol geçiren ilkinji klub, Keýn bolsa 17 gol geçiren ilkinji futbolçy hökmünde hasaba alyndy. «Ştutgartdan» 2–1 hasabynda asgyn gelen Dortmundyň «Borussiýasy» yzly-yzyna 2-nji gezek asgyn geldi.



«Ýuwentus» topary-da «Kaliarini» Bremer hem-de Ruganiniň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

**«LION» AHYRY ÝEŇIŞ GAZANDY**

Fransiýanyň çempionatynda «Nissanyň» hem-de «Monakonyň» öz garşydaşlary bilen golsuz deňme-deň oýnamagyndan soň PSŽ 1-nji orna geçdi. Parižliler myhmançylykda «Reýms» toparyny Kilian Mbappeniň het-trigi bilen 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Mundan öňki 10 tapgyrda ýeňiş gazanyp görmedik «Lion» topary şu möwsümdäki ilkinji 3 utugyny aldy. Myhmançylykda «Renn» toparyny O'Braýeniň goly bilen 1–0 hasabynda ýeňen «Lion» iň aşaky orunda barýar.

**«EMPOLI» «NAPOLINI» ÝEŇDI**

Italiýanyň çempionatynda çempion «Napoli» öz meýdançasynda «Empoliden» Kowalenkonyň 90+1-nji minutda geçiren goly esasynda 1–0 hasabynda asgyn geldi. «Lasio» bilen «Romanyň» arasyndaky Rim derbisinde-de hasap açylmady. Sanawyň lideri «Inter» öz meýdançasynda «Frozinoneni» 2–0 hasabynda utdy. «Interiň» 1-nji golupy Dimarko 57 metr uzakdan derwezä girizmegi başardy. «Leççe» bilen «Milanyň» arasyndaky oýunda-da myhmanlar Žiru hem-de Reýndersiň gollary bilen öňe geçse-de, ýer eýeleri 2-nji ýarymda Sansone we Bandanyň gollary esasynda hasaby deňledi (2-2).



**LISSABON DERBISINDE «BENFIKA» ÜSTÜN ÇYKDY**

Portugaliýanyň çempionatynda Lissabon derbisinde «Benfika» öz meýdançasynda «Sporting» bilen duşuşyp, garşydaşynyň 1-nji ýarymda öňe saýlanandygyna garamazdan, 90-njy minutdan soň Neweşiň hem-de Tengstedtiň geçiren gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. 50-nji minutdan soň 1 oýunçy kem oýnan «Sportingiň» möwsümdäki ilkinji ýeňlişi bolup, «Benfika» 1-nji orna beýgeldi. 3-nji orunda barýan «Porto» topary-da myhmançylykda «Gimaraýnş» toparyny 2–1 hasabynda utdy.

# Depen topy gol bolýan hüjümçi – Harri Keýn

*Adatça futbolda hüjümçiler 30 ýaşdan geçenlerinden soň olaryň ukyplary azda-kände peselip başlaýar. Sebäbi hüjümçileriň meýdançadaky oýnaýan ýerleri olardan ýokary derejede fiziki güýç talap edýär. Köpräk ylgamaly, iň esasysy hem gol geçirmeli bolýar. 30 ýaşdan soň olaryň geçirýän gollarynyň sany ozalkylar ýaly bolmaýar. Ýöne Kristiano Ronaldo, Lionel Messi, Zlatan Ibrahimowiç, Robert Lewandowski ýaly ýyldyzlar ýokarda bellänlerimiziň tersine. Esasan hem, Ronaldo bilen Messi 30 ýaşdan soň 30 ýaşdan öň geçiren gollaryndan has köp gol geçirdiler. Adaty statistikamyzy döwýän oýunçylaryň, has takygy, hüjümçileriň ýene biri-de angliýaly Harri Keýn bolup, ol täze klubunda eýýäm birnäçe rekordy täzeledi.*

Alan Şirerden soň iňlisleriň iň esasy ýyldyzy hökmünde görülýän Harri Keýniň şu günlerde depen topy gol bolýar. Iýul aýynyň ahyrlarynda 30 ýaşy arka atan Keýn karýerasyndaky esasy klub bolan «Tottenham» toparynyň gapysyndan ilkinji ädimini ädende senenamalar 2004-nji ýyly görkezýärdi. Merdiwanyň basgançaklaryny ýeke-ýeke ädimlän Keýniň ýaşy gitdigiçe futbolynyň hili ýokarlandy. 1993-nji ýylyň 28-nji iýulynda Londonyň Woltemstow diýen ýerinde dünýä inen Keýn 1999-njy ýyldan 2004-nji ýyla çenli «Rijweý Rowers», «Arsenal», «Watford» ýaly klublaryň çagalar düzüminde oýnaýar. Soňra 2009-njy ýyla çenli «Tottenhamyň» ýaşlar düzüminde özüni görkezýär. London kluby ony irki ýyllarda, has dogrusy 2010-2013-nji ýyllar aralygynda «Leýton Orient», «Milwoll», «Norwiç», «Lester Siti» ýaly klublara kärendesine ugradýar. Bu klublarda gowy taplanan Keýn 2013-nji ýyldan başlabam «Tottenhamyň» esasy düzüminiň oýunçysy bolup başlaýar. Ol 2013/14 möwsüminde 10 oýunda barýogy 3 gol geçirýär. Ýöne şol möwsümden soňam birden öwsüp başlan şemal deý, onuň gol geçirijiligi ýokarlanýar. 2014/15 möwsüminde çempionatda 21, umumylykda-da 31 gol geçirýär. Täze möwsümde 25, ondan soňky möwsümde-de 29 gol bilen «Premier Liganyň» iň köp gol geçiren oýunçysy bolýar. Ondan soňky möwsümde-de 30 gol oňa iň köp gol geçiren oýunçy bolmak üçin ýeterlik bolman, 32 golly Mohamed Salahdan yza galýar. Iňlisler ahyry ençeme ýyldan soň Şirer ýaly hüjümçi bilen tanyşýar. Keýniň depeniniň gol bolan döwürlerinde «Tottenham» toparynyň tälimçiligine argentinaly Maurisio Poçettino bellenilip, onuň tälimçilik ukyby Keýniň gollarynyň sanynyň hasam artmagyna oňaýly täsir edýär.

«Tottenham» topary Poçettinonyň gelmegi bilen adyny çempionatyň iň esasy klublarynyň hataryna goşýar. Muňa Keýniň hem goşandy uly bolýar. Ýöne «Tottenham» topary näçe owadan futbol oýnasada, Keýn näçe gol geçirse-de, kluba kubok gazanmak, çempion bolmak başartmaýar. «Tottenhamyň» iň soňky gazanan kubogy 2008-nji ýyldaky Liga Kubogy bolup, çempionlygyň gazanylanynyň üstünden 60 ýyldan köp wagt geçýär. Topar 2019-njy ýylda UEFA Çempionlar Ligasynyň finalyna çyksa-da, «Liwerpuldan» asgyn gelen Keýn we ýoldaşlary meýdançany ýüzleri salyk terk etmeli bolýarlar.

Keýniň kuboksyz karýerasy diňe «Tottenham» toparynda däl, eýsem, milli ýygyndyda-da dowam edýär. Meşhur oýny oýlap tapan iňlisler bolsa-da, olar şu wagta çenli wagtal-wagtal şowly çykyş etselerem, bu owadan oýny iň gowy oýnaýan millet bolmak başartmaýar. Taryhlaryndaky ilkinji we häzirlikçe ýeke-täk iň uly ýeňşini 1966-njy ýylda Dünýä Kubogynda jedelli gol bilen gazanan iňlisler üçin pandemiýa sebäpli 1 ýyl soňa süýşürilen EURO 2020-de uly pursat peýda bolýar. «Wembley» stadionynda oýnalan finalda italýanlardan asgyn gelen iňlisler bu taryhy pursatdan ýerlikli peýdalanyp bilmän, kümüş medal bilen oňňut etmeli bolýar.



Soňky ýyllarda ady «Real Madrid» we başga-da birnäçe klub bilen agzalan Harri Keýn şu tomusda «Bundesliga» transfer bolýar. «Tottenham» bilen hoşlaşan ýyldyz oýunçy «Premier Ligada» 213 gol geçirip, Alan Şirerden soň bu ugurda 2-nji orunda barýar.

Robert Lewandowskiniň topardan gitmeginden soň gol geçirmekde az-owlak kynçylyk çeken «Bawariýa» Sadio Maneden hem garaşylýan netijäni alyp bilmeýär. Senegally ýyldyzy Saud Arabystanyna ugradan «Bawariýa» Harri Keýniň transferi üçin iňlis klubuna 100+10 million ýewro töleýär. Münhenliler ýyldyz hüjümçi bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşýar. Aslynda «Bawariýada» köp wagtdan bäri 30 ýaşdan geçen futbolçylar bilen 1 ýyldan uzak şertnama baglaşylmaýardy. Ýöne Keýn üçin bu ýörelgesinden dänen «Bawariýanyň» şeýle etmek bilen häzirki wagtda nähili dogry netije çykarandygyny anyk görmek bolýar.

Keýniň täze bir çempionatda, täze bir klubda nähili başarnyk görkezjekdigi hemmäni gyzyklandyrýardy. Ýöne iňlis hüjümçi edil «Tottenhamda» oýnaýan ýaly, hamala başga bir kluba geçmedik ýaly gol geçirmegini dowam edýär. Çempionatyň ilkinji tapgyrynda «Werderiň» derwezesini sarsdyran oýunçynyň 11-nji tapgyrdan soň geçiren gollarynyň sany 17-ä ýetdi. Eýýämden 3 gezek het-trik eden («Bohum», «Darmştadt», «Borussiýa D» duşuşyklarynda) Keýn 11 duşuşygyň diňe 2-sinde gol geçirip bilmedi. Çempionlar Ligasynda-da 4 oýunda 4 gol geçiren Keýn «Bawariýada» 15 duşuşykda 21 gezek tapawutlandy. Keýn «Bundesliganyň» taryhynda ilkinji 11 oýunda 17 gol geçiren ilkinji futbolçy bolup, ol 16 gezek tapawutlanan Lewandowskiniň rekordyny täzeledi. Şol bir wagtyň özünde-de Keýn eýýämden geçen ýyl 16 gol bilen möwsümiň iň netijeli oýunçylary bolan Kristofer Nkunku hem-de Niklas Füllkrugdan köp gol geçirdi. Keýniň öňünde indiki rekord bir möwsümde 42 gol geçirip, Lewandowskiniň başga rekordyny hem täzelemek. Ol soňky duşuşykdan soň bu barada berlen sowala «Gowy sowal, görýän welin, tutuş möwsümiň dowamynda ýygy-ýygydan menden bu sorag soraljak ýaly. Ýöne entek ýolumyz uzak. Men diňe toparym bilen çykyş edenimde lezzet alýaryn. Men «Premier Liganyň» ýadawlygyna öwrenişen» diýip, jogap berdi.

Keýn çempionatda hem iň köp gol geçiren oýunçy, hem-de karýerasyndaky iň uly gädik bolan çempionlyk gazanmak isleýär. Olaryň ilkinjisi üçin «Ştutgartyň» gwineýaly hüjümçisi Seru Girassi bilen bäsleşýän Keýn hem-de «Bawariýa» ikinji arzuwy üçinem ýeňlişsiz barýan «Baýer» topary bilen soňuna çenli göreşi dowam etdirmeli bolar. Ýöne soňky 11 möwsümiň çempiony «Bawariýa» toparynyň onuň bu isleglerini amala aşyrmak üçin iň dogry salgydygy görnüp dur. Muny häzirki ýagdaý dolulygyna subut edýär.

Beýleki bir tarapdanam geljek ýyl Germaniýada geçiriljek EURO 2024-iň hem esasy favoritleriniň biri hökmünde görülýän Angliýanyň milli ýygyndysynyň çempionlyk gazanan ýagdaýynda Keýniň depesi gök dirär. Aslynda ol şu wagtdan şol çempionata Germaniýanyň dürli şäherlerinde gol geçirip, taýýarlyk görüp ýör diýsek hem bolar. Galanyny-da wagt görkezer...

**het-trik**











## UEFA bilen şertnama baglaşyldy

**Ýewropa futbolynyň guramaçysy UEFA bilen «Altyn top», ýagny «Ballon d'Or» baýragynyň guramaçysy «France Football» hem-de «L'Eqiupe» gazeti bilelikde işleşerler. Başgaça aýdylanda, futbolyň iki uly hemaýatkäri öz tejribelerini birleşdirip, baýragy bilelikde gowşurarlar. Bu barada žurnala hem-de gazete eýeçilik edýän «Groupe Amaury» kompaniýasy hem-de UEFA habar berýär.**

**Taraplaryň arasyndaky hyzmatdaşlyk 2024-nji ýyldan başlar. Hyzmatdaşlygyň çäginde ýene-de 2 baýrak goşular. Mundan soň ýylyň iň ökde erkek hem-de zenan tälimçi baýraklary hem öz mynasyplaryna gowşurylar. Häzirki wagtda «Ballon d'Or» baýraklarynyň çäginde iň ökde erkek («Ballon d'Or»), zenan futbolçy («Ballon d'Or Féminin»), iň ökde ýaş futbolçy («Kopa Trophy»), iň ökde derwezeçi («Yashin Trophy»), iň ökde hüjümçi («Gerd Müller Trophy»), ýylyň ynsanperwer kömek edeni («Sócrates Award») hem-de ýylyň iň gowy erkek we zenan klublary baýraklary gowşurylýardy.**

**1956-njy ýyldan bäri gowşurylyp gelinýän «Ballon d'Or» baýraklary irki ýyllarda diňe ýewropaly futbolçylara berilýärdi.**

**2011-nji ýyldan bäri berlip gelinýän UEFA-da ýylyň iň ökde futbolçylary baýraklarynyň ykbaly bolsa häzirlikçe belli bolman, bu baýraklaryň ýatyrylmagyna garaşylýar.**



## EURO 2024-iň topy tanyşdyryldy

Geljek ýylyň iýun-iýul aýlarynda Germaniýada geçiriljek 17-nji Ýewropa çempionatynyň resmi futbol topy mälim edildi. «Adidas» kompaniýasynyň önümi bolan täze futbol topy «Fussballliebe» diýlip atlandyrylýar. Ol «futbola bolan söýgi» diýmek bolup, top «Connected Ball» tehnologiýasy bilen enjamlaşdyrylandyr. Ýagny top has takyk maglumatlary bermäge elýeterli bolup, ol VAR-yň işjeňligine-de, takyklygyna-da uly ýardam berer. Şeýle tehnologiýa Ýewropa çempionatynda ilkinji gezek ulanylar. Topuň daşky bezeginde gara, gyzyl, sary, gök, ýaşyl reňkler ulanylyp, esasan hem, gara reňk köpräk orun alýar. Daşky bezegi oýnuň hereketini hem-de energiýasyny alamatlandyrýar. Şol bir wagtyň özünde ýokary tizlikli we duýgur oýna ýardam berýär. Topa zarýad hem berip bolýar. Şeýle tehnologik aýratynlyk Katar 2022 Dünýä Kubogynyň toplarynda hem bardy.

Ýewropa çempionaty 2024-nji ýylyň 14-nji iýuny — 14-nji iýuly aralygynda Germaniýanyň 10 şäherinde geçiriler.









Gazetiň kagyz görnüşine nähili ýazylyp bolar?
«Türkmenpoçtanyň» islendik şahamçasyna ýüz tutmak arkaly abuna ýazylyp bilersiňiz.

Gazetiň elektron görnüşine nähili ýazylyp bolar?
ABONENT BOL
zamanturkmenistan.com.tm saýtynyň ýokarsyndaky ABONENT BOL düwmesine basmak arkaly.

Gazetiň hepdelik PDF nusgasyny nädip alyp bolar?
PDF
zamanturkmenistan.com.tm saýtyndaky ZAMAN TÜRKMENISTAN PDF düwmesine ýa-da turkmenmetbugat.gov.tm saýtynda «Pudak gazet-žurnallary» bukjasyny saýlap Abuna ýazyl düwmesine basmak arkaly.

Gazetiň mobil goşundysyny nädip ýükläp alyp bolar?
Android we iOS smartfonlarynda Google Play hem-de App store elektron dükanyndan zamanturkmenistan mobil goşundyny ýükläp, habarlar bilen dessine tanşyp bilersiňiz.

